TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ ÝER ÝÜZÜNDE PARAHATÇYLYGY, NESILLERIŇ ASUDA, BAGTYÝAR GELJEGINI GORAP, ÖLMEZ-ÝITMEZ ŞÖHRAT GAZANAN MERDANA GERÇEKLERIMIZE HEM-DE GAÝDUWSYZ PEDERLERIMIZE, TUTANÝERLI ZÄHMETI BILEN BEÝIK ÝEŇŞIŇ GAZANYLMAGYNDA ÄGIRT ULY IŞLERI BITIREN WATANDAŞLARYMYZA ÇÄKSIZ GUWANÝARYS.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

8-nji maý, 2026. Belgisi 19/1689





## WATAN GORAGY — ASUDALYGYŇ KEPILI

6-njy maýda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň dört aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça şu ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Şeýle hem Watan goragçylarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen alnyp barylýan işler barada aýdyldy. Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmagyň we harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyň barşy barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň goranyş häsiýetli Harby doktrinasyna laýyklykda, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we bu babatda degişli tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz 9-njy maýda Ýeňiş güni mynasybetli göz öňünde tutulan çäreleriň ýokary guramaçylykda geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Baş prokuror B.Muhamedow ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, şol sanda kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, bu düzümiň edaralaryna hukuk işiniň döwrebap usullaryny hem-de öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda kanunylygy pugtalandyrmak, düzgün bozulmalaryň öňüni almak boýunça işleri has netijeli alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekip, bu babatda Baş prokurora birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hususan-da, ýol hereketiniň kadalaryny we ýangyn howpsuzlygyny berjaý etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmegiň, ýol hereketiniň kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berk berjaý edilmegine gözegçilik etmegiň, tomus möwsüminde howanyň gyzmagy bilen baglylykda, daşky gurşawy ýangyn howpundan goramak boýunça degişli taýýarlyk işlerini geçirmegiň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew şu ýylyň dört aýynda kazyýet işini has-da kämilleşdirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem düzümi ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi we döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunylygy has-da berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, kazylaryň hünär bilimini yzygiderli ýokarlandyrmagy üns merkezinde saklamagy tabşyrdy.

Milli howpsuzlyk ministri D.Meredow hasabat döwründe ýerine ýetirilen işler, şol sanda ýurdumyzda asudalygy üpjün etmek, düzümiň işine döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň howpsuzlygyny we milli bähbitlerini goramak, ministrligiň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmek babatda birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow döwletimiziň mukaddes serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça şu ýylyň dört aýynda amala aşyrylan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň döwlet serhediniň dost-doganlyk serhedi bolup durýandygyny aýtdy hem-de onuň goraglylygyny pugtalandyrmak, serhetçileriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow hasabat döwründe milli kanunçylyk binýadyny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, raýatlara degişli hukuk kömegini bermek, ministrligi ösdürmegiň maksatnamasynyň wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, kanunçylyk namalarynyň taslamalarynyň Konstitusiýamyza, hereket edýän kanunlara doly laýyk gelmegini üpjün etmegiň zerurdygyny belledi hem-de raýatlara kanunçylygy düşündirmek, hukuk kömegini bermek boýunça işleri dowam etdirmek babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew şu ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň çäklerinde gümrük nokatlaryny döwrebaplaşdyrmagyň, sanly ulgamy we işiň döwrebap usullaryny ornaşdyrmagyň barşy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gümrük nokatlarynda gümrük düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmegiň möhüm talap bolup durýandygyny aýtdy hem-de döwrebap tehnikalary, iş usullaryny yzygiderli ornaşdyrmak babatda gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna ýüzlenip, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy hem-de bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

## Türkmen zyýaratçylary haj parzyny berjaý ederler

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Hajy Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyz ýokary depginlerde ösýär, özgerýär, halkymyz asuda, parahat, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşaýar.**

Ata-babalarymyzdan miras galan milli gymmatlyklarymyza, özboluşly däp-dessurlarymyza we dini ynanç-ygtykatlarymyza uly sarpa goýulýar hem-de olary berjaý etmäge ähli mümkinçilikler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň ýakyndan hemaýat we ýardam bermegi bilen, ildeşlerimiz her ýylda mukaddes Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmekleri üçin zyýarata iberilýär.

Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň mübärek günlerinde



ýurdumyzyň wekilleri dünýäniň millionlarça zyýaratçylary bilen bilelikde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp-dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede bolarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Buýrugyna laýyklykda, 2026-njy ýylyň 21-nji maýy – 11-nji iýuny aralygynda haj parzyny berjaý etmek üçin 289 zyýaratçyny Saud Arabystany Patyşalygyna ibermek bellenildi.

«Türkmenhowaýollary» döwlet gullugyna zyýaratçylary Saud Arabystany Patyşalygyna eltmek we yzyna getirmek üçin ýörite uçar gatnawyny öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmak tabşyryldy.

Bu resminama Watanymyzda döwlet tarapyndan ynsanperwerlik ýörelgelerine berilýän ähmiýetiň beýany bolup dabaralandy.

Ildeşlerimiziň mukaddes ýerlerde amal etjek tagat-ybadatlaryny, okajak doga-dileglerini Gudraty Güýçli Allatagala kabul etsin!

## Beýik Ýeňşiň 81 ýyllygy giňden bellenilýär

**Şu günler 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 81 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň dürli künjeklerinde we paýtagtymyzda dabaraly çäreler, maslahatlar, sergiler geçirilýär. Munuň özi ýowuz urşa gatnaşanlara hem-de olaryň yzynda galyp, mukaddes ojagyny saklan mähribanlara goýulýan belent hormat-sarpany alamatlandyrýar.**

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň yzygiderli tagallalary bilen, Watanymyzda nusgalyk durmuş mekdebini geçen ýaşuly nesilleriň, bütin adamzadyň azatlygy ugrunda göreşe çykan hem-de gije-gündiz zähmet çekip, Beýik Ýeňşi ýakynlaşdyran edermen watandaşlarymyzyň sarpasy belent tutulýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiz degişli Permana gol çekip, welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň häkimliklerine 1941 – 1945-



nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň 81 ýyllygy mynasybetli uruş weteranlaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan pul sowgadyny hem-de gymmat bahaly sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşurmagy karar etdi.

Watan üçin janyny gurban eden milli gahrymanlary sarpalamak türkmen jemgyýetiniň mizemez däpleriniň biridir. Şoňa görä-de, 9-njy maý ýakynlaşdygyça, ýurdumyzda dürli medeni çäreleriň geçirilmegi giň gerime eýe bolýar. Bu sene mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde «Hakyda ýazylan ýatlamalar» atly sergi guraldy. Serginiň girişi hormatly Prezidentimiziň portreti, Diýarymyzyň özygtyýarlylygyny alamatlandyrýan Döwlet nyşanlarynyň fotosuratlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Beýik Ýeňiş barada aýdan pähimli sözleri bilen açylyp, ol Garaşsyzlyk döwrümizi, Watanymyzyň parahatçylygyny wasp edýän zergärçilik eserleri bilen dowam edýär. ■ 2


**4** **Halkara EA-kino festiwaly geçiriler**
Gazagystanda şu ýylyň güýzünde emeli aň tehnologiýalarynyň ulanylmagy bilen döredilen kinolaryň ilkinji halkara festiwaly geçiriler.

**5** **Şweýsariýanyň sessiz obasy**
Alp daglarynyň etegindäki 1 müň 650 metr belentlikdäki Mürren obasy arassa howasy we sessizligi bilen görenleri haýran galdyrýar.

**6** **Syýahatda okamak üçin iň oňat kitaplar**
2026-njy ýylda edebi syýahata bolan gyzyklanma has-da güýçlenýär. Köp sanly syýahatçylar okaýan kitaplaryna esaslanyp syýahat meýilnamalaryny düzýärler.

**7** **Finalda «Arsenal» bilen PSŽ duşuşar**
1 hepde öň Parižde oýnalan we PSŽ-niň 5-4 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlanan taryhy duşuşygyň jogap oýny «Bawariýa» toparynyň meýdançasynda geçirildi.

## Global syýahat öser

«Alvarez & Marsal» maslahat beriş kompaniýasy bilen «Google» syýahatçylyk pudagynyň ösüşini dowam etdirjekdigini mälim etdi. Çaklamalara görä, syýahatçylyk pudagy 2050-nji ýyla çenli düýbünden başgaça bolar. Ýüzýyllygyň ortasynda syýahat edýän ilatyň sany 50 göterimden 70 göterime çykar. Şeýlelikde, pudagyň pul dolanyşygy 4,2 trillion dollardan geçer. Diňe halkara däl, eýsem içerki



syýahatçylyk hem artar. Maglumata görä, halkara syýahat soňky 25 ýylda iki esse artdy. 2050-nji ýyla çenli bolsa, ýene-de iki esse artar. Has köp syýahat edilýän 5 ýere barýanlaryň sany 26 göterimden 18 göterime düşer. Onuň deregine täze syýahatçylyk nokatlary emele geler.

## Täze sepgide ýetdi

«Samsung Electronics» kompaniýasynyň paýnamalarynyň bahasy soňky 1 ýylda dört esse artyp, kompaniýanyň umumy bahasy 1 trillion dollardan geçdi. Şeýlelikde, kompaniýa TSMC-den soňra şeýle sepgide ýeten ikinji aziýaly brend boldy. Kompaniýanyň emeli aň çiplerine bolan islegiň ýokarlanmagy paýnamalaryň bahasynyň artmagyna getiripdir.



Kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy 1 günde 13% ýokarlandy. Esasan, emeli aň maglumat merkezleri kompaniýanyň ýokary tehnologiýaly çiplerine isleg bildirýärler. «Samsung» bilen bir hatarda «SK Hynix» we TSMC ýaly kompaniýalar Aziýanyň emeli aň önümçiligindäki ornuny berkidýärler.

## Ýolagçy gatnawynda rekord

Hytaýda demir ýol arkaly 5 günde rekord derejede ýolagçy syýahat etdi. Hytaýyň Döwlet demir ýollary kompaniýasynyň hasabatyna görä, 1-5-nji maý aralygynda demir ýol ulaglaryndan peýdalananlaryň sany 117 milliondan geçipdir. Hepdäniň birinji güni 20,38 million ýolagçy gatnan bolsa, ikinji gün



bu san 23 milliona ýetipdir. Ýokary islege jogap bermek üçin ýurduň çäginde jemi 2 müň 225 goşmaça gatnaw ýola goýlupdyr.

Pekin, Şanhaý, Guançžou, Çendu we Şenžen iň köp gatnawyň amala aşyrylan şäherleri bolupdyr.

## Çölde içimlik suw öndürer

«Atoco» atly kompaniýa dünýäniň iň gurak çöllerinde hem suw öndürip bilýän ulgamy işläp taýýarlady. Enjam her günde müň litre çenli arassa suw öndürip bilýär. Bu 500 adamyň içimlik suw zerurlygyny üpjün edýär.

Kompaniýany 2025-nji ýylda Nobeliň himiýa baýragyna mynasyp bolan professor Omar Ýagi esaslandyrypdyr. Omar Ýagi metal-organiki çarçuwalar (MOF) hem-de kowalent organiki çarçuwalar (COF) atly nano ölçegdäki materiallary işläp taýýarlapdyr. Indi bu tehnologiýa täjirçilik maksatly ulanylar. Ulgam gijesine howadaky bugy özüne siňdirýär, Günüň dogmagy bilen emele gelen ýylylyk tapawudy sebäpli bugaran suw toplanýar. Bugdan alnan suw içmäge ýaramly hasaplanýar.



Häzirki wagtda bu ulgamy döretmek gymmada düşýär. Şeýle-de bolsa, şu ýylyň ikinji ýarymyndan sargyt kabul edilip başlanmagyna garaşylýar. Kompaniýa şol bir wagtyň özünde bu tehnologiýa arkaly howadaky hapa gazlary tutýan ulgamy hem işläp taýýarlaýar.

Täze tehnologiýa adatdaky usullaryň netije bermeýän, has gurak çöllerde hem synagdan geçirildi.

**Jeren DÖWLETOWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

## Yssy howa hasaba alyndy

Kanadanyň Wankuwer şäherinde yssy howa hasaba alyndy. 4-nji maý güni şäherde howanyň temperaturasy 23,9 derejä ýetdi. Mundan ozalky iň yssy howa 1898-nji ýylda 22,2 dereje bolupdyr. Ýurduň demirgazygyndaky Britan Kolumbiýasy welaýatynyň Pemberton (31,5°C), Litton (31,9°C) we beýleki 19 ilatly ýerinde rekord derejede yssy howa hasaba alnypdyr. Bilermenler howanyň ýene-de salkynlajakdygyny bellediler.



ABŞ-nyň Waşington hem-de Alýaska ştatlarynyň aralygynda ýerleşýän welaýata salkyn howa mahsusdyr. Ýuwaş ummanynyň kenaryndaky daglyk welaýatyň iň uly şäheri Wankuweriň 800 müňe golaý ilaty bar.

# Beýik Ýeňşiň 81 ýyllygy giňden bellenilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Türkmen halky Beýik Ýeňşiň gazanylmagyna mynasyp goşandyny goşdy. Urşuň ýowuz ýyllarynda edermen türkmen ýigitleriniň müňlerçesi doganlyk halklaryň wekilleri bilen bilelikde söweşip, gahrymançylyk görkezdiler. Şolaryň hatarynda Gahryman Arkadagymyzyň atasy, hormatly Prezidentimiziň garry atasy Berdimuhamet Annaýew hem bolup, onuň durmuş ýoly bu gün türkmen ýaşlary üçin hakyky watançylygyň, edermenligiň, borja wepalylygyň nusgasy bolup durýar. Sergide Berdimuhamet Annaýewiň hala çitilen suraty, Milli Liderimiziň halkymyz tarapyndan söýlüp okalýan eserleri ýerleşdirildi. Şeýle hem bu ýerde 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna degişli gymmatlyklar, esger hatlarynyň nusgalary, şol döwre degişli dürli serişdeler we esger esbaplary görkezilýär.**



**Bu ýerde uruş ýyllarynda tylda gahrymançylykly zähmetiň nusgasyny görkezen türkmen zenanlarynyň fronta kömek hökmünde esgerlere niýetläp tiken ýyly egin-eşiklerini, altyn-kümüş bezeg şaýlaryny tabşyryp duran pursatlaryny görkezýän dokumental fotosuratlary synlamak bolýar. Söweşe gatnaşyp, gahrymançylyk görkezen Gurban Durdynyň, Aýdogdy Tahyrowyň, Allaberdi Agalyýewiň fotosuratlary Watany goramagyň belent nusgasy hökmünde sergini görmäge gelenlerde aýratyn täsir galdyrýar. Sergide ordendir medallar, frontdan gelen hatlar, urşa gatnaşyp edermenlik görkezen harby esgerleriň şahsy resminamalary hem ýerleşdirilipdir.**

**Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde «Gahrymanlarymyza hormat» ady bilen guralan sergide uruş ýyllarynyň çeper beýany, halkymyzyň sarsmaz ruhy şekillendiriş sungatynyň dürli görnüşli eserleriniň üsti bilen açylyp görkezilýär. Sergide ussat suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň eserleri ýerleşdirildi.**

**Ýeňiş güni mynasybetli Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda «Beýik Ýeňiş – baky şöhrata beslenen gahrymançylygyň, watansöýüjiligiň öçmez nusgasy» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Maslahatyň işi umumy mejlisden hem-de bölümçelerden ybarat boldy.**

# Sazyň jadyly dünýäsinde zehinli ýaşlar

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen saz sungaty täze many-mazmuna eýe bolýar. Ata-babalarymyzyň döreden aýdym-saz sungaty häzirki döwürde mynasyp dowam etdirilýär. Ýurdumyzda sungat ussatlarynyň döredijiligine uly ähmiýet berilýär. Milli aýdym-saz sungatymyzy dünýä derejesine çykarmakda, dünýä halklaryna ýaýmakda, aýdymçydyr sazandalary ýetişdirmekde yzygiderli aladalar edilýär. Bu ugurda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň birnäçe ýylyň dowamynda ýetişdiren zehinli ýaş sazandalary hem bu günki gün ýurdumyzyň medeniýet ojaklarynda zähmet çekýärler. Şolaryň biri-de mekdebiň ýörite fortepiano bölüminiň 11-nji synp okuwçysy Ylham Orazmämmedowdyr.**

**Ylham üçin saz – diňe bir sesleriň utgaşmasy däl, eýsem, kalbyň iň inçe duýgularyny dünýä ýetirmegiň ýoludyr. Ol fortepianonyň klawişlerine ussatlyk bilen erk edip, dürli sazlary ýerine ýetirmek bilen sazyň jadyly dünýäsine içgin aralaşýar. Ýaş sazanda eýýäm birnäçe ýylyň dowamynda özüniň zähmetsöýerligi we saza bolan egsilmez höwesi bilen tapawutlanmagy başardy. Mekdebiň ýörite fortepiano bölüminde bilim almagy, oňa nusgawy sazyň inçe syrlaryna aralaşmaga mümkinçilik berdi. Ylham bahasyna ýetip bolmajak nusgawy eserler bolan Bah, Bethowen we Şopen ýaly dünýä belli kompozitorlaryň çylşyrymly kompozisiýalaryny ýerine ýetirmek üçin tagalla edýär. Şol sanda milli mirasymyzyň hem-de saz sungatymyzyň ägirtleri bolan Weli Muhadowyň, Nury Halmämmedowyň we beýleki türkmen kompozitorlarynyň eserlerini häzirki zaman äheňinde ýerine ýetirmekde ussatlyk sapaklaryny yzygiderli özleşdirýär.**

**Hünärmenleriň we mugallymlaryň bellemegine görä, Ylhamyň esasy aýratynlygy – eseriň diňe bir tehniki tarapyna däl, eýsem, onuň pelsepesine we ruhuna düşünmäge çalyşýandygyndadyr. Ol her bir saz eserini öz kalbyndan geçirip, diňleýjä ýetirýär. «Saz diňe bir barmaklaryň hereketi däl, ol kalbyň sesidir. Men fortepiano arkaly adamlaryň göwnüni galkyndyrmagy we türkmen saz sungatyny dünýä tanatmagy maksat edinýärin» diýip, Ylham öz ýörelgesi barada aýdýar.**




**Mekdep-internatynyň dürli bäsleşiklerinde we medeni çärelerinde işjeň çykyş edýän Ylham Orazmämmedow häzirki wagtda okuwynyň iň jogapkärli döwründe has belent sepgitlere ýetmek üçin täze konsertlere we dünýä derejesindäki bäsleşiklere gatnaşýar. Ol döwlet derejesinde we daşary ýurtlarda geçirilýän bäsleşiklerde mynasyp orunlary eýelemegi başardy. 2024-nji ýylda Çehiýada we Fransiýada onlaýn geçirilen bäsleşiklerde baýrakly orunlary eýelemegi başardy. 2025-nji ýylda Moskwada geçirilen IV Halkara ýaşlar forumyna gatnaşdy, şol ýyl Gazagystanda ÝUNESKO-nyň geçiren bäsleşiginde ýeňiji bolup, jemleýji konsertde çykyş etdi.**

**Biz hem zehinli ýaş sazandamyz Ylhama okuwynda we döredijilik ýolunda rowaçlyklaryň ýar bolmagyny arzuw edýäris.**

**Allaýar ÖDÄÝEW,**
***Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby.***

# Dogabitdi kerligi bejermekde gen terapiýasynyň uly üstünligi

**Häzirki güne çenli geçirilen iň uzak we giň gerimli ylmy barlaglaryň netijesinde, synag maksatly geçirilen gen terapiýasy dogabitdi kerlikden ejir çekýän näsaglaryň 90 göteriminde eşidişiň dikelmegine sebäp boldy. Hytaýyň sekiz sany iri lukmançylyk merkezinde geçirilen kliniki synaglara jemi 42 meýletinçi, şol sanda 39 çaga we 3 uly ýaşly gatnaşdy. Barlagyň netijeleri bu innowasion usulyň uzak möhletleýin geljekde hem netijeliligini we howpsuzlygyny doly saklaýandygyny subut etdi.**



**Bu döwrebap bejeriş usuly içki gulagyň ses signallaryny beýnä ibermegi üçin zerur bolan otoferlin belogynyň öndürilmegine jogapkär OTOF geniniň mutasiýasyny (näsazlygyny) düzetmäge gönükdirilendir. Alymlar ýöriteleşdirilen howpsuz wirusyň (AAV9) kömegi bilen geniň sagdyn nusgasyny göni içki gulaga (koklea) ýetirmegi başardylar. Adaty kohlear implantlardan tapawutlylykda, gen terapiýasy eşidişiň tebigy biologik mehanizmini dikeldýär. Bu bolsa näsaglaryň sesleri mehaniki däl-de, has arassa, tebigy we sazlaşykly kabul etmegine şert döredýär.**

**Geçirilen gözegçilikler näsaglaryň 38-sinde proseduradan birnäçe hepde soň eşidiş ukybynyň düýpli gowulanandygyny görkezdi. Iki ýyldan gowrak wagt bäri gözegçilikde saklanýan 10 näsagyň ählisi häzirki wagtda adaty sesi (50–60 desibel) eşidip bilýärler. Olaryň 60 göterimi bolsa hatda pyşyrdylary hem eşitdiler.**

**Ylmy toparyň ýolbaşçylarynyň bellemegine görä, bu üstünlik diňe bir OTOF geni bilen çäklenmän, eýsem, genetiki kerligiň beýleki görnüşlerini bejermek üçin hem giň mümkinçilikleri açýar. Häzirki wagtda hünärmenler derman serişdesini birbada iki gulaga hem ulanmagyň netijeliligini we bu usulyň lukmançylyk praktikasynda has giňden elýeterli edilmeginiň ýollaryny öwrenýärler. Gözlegleriň dowamynda näsaglarda hiç hili çynlakaý goşmaça täsirler hasaba alynmady.**

**«Nature» žurnalynda çap edilen bu ylmy açyş, nesilden-nesle geçýän kerligiň bejergisinde täze döwre badalga berýär.**

**Hydyr AÝNAZAROW,**
***Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň müdiri.***

# Adamzadyň iň gymmatly baýlygy

Ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek hem-de döwrebaplaşdyrmak babatda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işleri häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýakynda döwlet Baştutanymyzyň şu ýylyň dört aýynda Diýarymyzda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak, ýaş nesilleriň döwrebap bilim-terbiýe almagy we innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmegi üçin amatly şertleri döretmek, ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerine 2026-2027-nji okuw ýylynda birinji synpa okuwa kabul edilýän okuwçylara noutbuk kompýuterlerini sowgat bermek maksady bilen, degişli Karara gol çekmegi hem munuň aýdyň mysalydyr. Mekdebe ilkinji gezek gadam basýan okuwçylara her ýyl noutbuk kompýuterleriniň sowgat berilmegi ýaş nesilleriň interaktiw-multimedia usulynda bilim almagy ugrunda döwletimiz tarapyndan ähli şertleriň döredilýändiginiň güwäsidir. Häzirki wagtda ýaşlaryň döwrebap bilim almagy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň çar künjeginde mekdepler we mekdebe çenli çagalar edaralary bina edilýär, olar kompýuterler, beýleki zerur enjamlar, okuw gollanmalary bilen üpjün edilýär. Okuw işine ylmyň täze gazananlary, interaktiw-multimedia, sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar.

Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýalaryna laýyklykda, okuw-terbiýeçilik işleri yzygiderli ösdürilýär. Ýaşlara türkmen halkynyň baý taryhyny, medeni mirasyny çuňňur öwretmek maksady bilen, okatmagyň täze usullary peýdalanylyp, aýry-aýry dersler boýunça goşmaça gurnaklar döredilýär hem-de çagalaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulan ylmy edebiýatlar taýýarlanýar. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, bütin adamzadyň we ähli döwürleriň iň gymmatly baýlygy bilimdir. Şundan ugur alyp, türkmen halky hem öz şöhratly taryhynyň bütin dowamynda ylma, bilime aýratyn sarpa goýup, umumadamzat gymmatlyklaryna mynasyp goşant goşup gelýär. Ýurdumyzda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň mümkinçiliklerini ösdürmek, bu ulgamda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça çäreler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» we



ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy. Bu resminamada mekdebe çenli çagalar edaralarynda we orta mekdeplerde berilýän bilimiň üznüksizligini hem-de arabaglanyşygyny üpjün etmäge, bilimli, watansöýüji şahsyýetleri kemala getirmäge gönükdirilen çäreler göz öňünde tutuldy. Munuň özi ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ylym-bilim ulgamynda özgertmeleri amala aşyrmak, ony ýokary dünýä ölçegleriniň derejesine çykarmak meselelerine aýratyn üns berilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň binýady öňdebaryjy dünýä tejribesi, halkymyzyň gadymdan gelýän ruhy gymmatlyklary esasynda kämilleşdirilýär. Munuň özi milli bilim ulgamyny dünýä derejesine çykarmaga, ýaşlaryň sazlaşykly ösmegine uly itergi berýär.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# Yzygiderli energiýa öndürmäge mümkinçilik berýär

Halkara täzelenýän energiýa agentliginiň (IRENA) maglumatyna görä, batareýa ornaşdyrylan Gün we ýel energiýasy toplumlary üznüksiz elektrik energiýasyny üpjün edýär. Indi bu usul arkaly elektrik energiýasyny öndürmegiň bahasy adaty usuldakydan, ýagny ýerasty energiýa çeşmelerindäkiden has arzan düşýär. Agentligiň taýýarlan «Günüň we ýeliň ykdysadyýeti» atly maglumatynda şeýle toplum arkaly elektrik energiýasyny öndürmegiň bahasynyň 1 megawat/sagat üçin 54-82 amerikan dollary aralygynda üýtgeýändigi bellenildi. Bu görkeziji Hytaýdaky kömür beketlerinde 70-85 dollar, global derejede täze tebigy gaz beketlerinde 100 dollardan ýokary.



Maglumatda 2010-njy ýyldan bäri Günden energiýa alýan desgalaryň gurluşygynyň bahasynyň 87%, gury ýerdäki ýel beketleriniň gurluşygynyň 55%, batareýa gurnamagyň bahasynyň 93% arzanlandygy mälim edildi. Bu bolsa, daşky gurşawa zyýansyz täze tehnologiýanyň diňe daşky gurşaw babatda däl, ykdysady taýdan hem amatlydygyny görkezýär. Şeýle hem batareýaly Gün-ýel toplumlarynyň 1-2 ýylyň dowamynda gurup, ulanmaga berip bolýar.

**Aýjan ATAGELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# Gysga aralyga uçar gatnawy

Norwegiýanyň raýat awiasiýasy edarasy adaty uçuş-gonuş zolaklaryna zerurlyk duýmaýan gibrid howa ulaglarynyň gatnawyny ýola goýmagy meýilleşdirýär. Maksatnamanyň çäklerinde gysga aralyklara howa gatnawlary ýola goýular. «Electra» kompaniýasynyň işläp taýýarlan «Ultra Short EL9» atly kiçi göwrümli uçaryndan peýdalanylmagy göz öňünde tutulýar. Bu uçaryň uçmagy we gonmagy üçin 50 metr ýol ýeterlik. Bu bolsa uçaryň awtoduralgadan we beýleki islendik giňişlikden uçmagyna we gonmagyna mümkinçilik berýär. Ýurduň ulag ministri Jon-Iwar Nygard maksatnamanyň ýurduň az uglerodly awiasiýa üçin dünýäniň synag merkezi bolmagyna goşant goşjakdygyny belleýär. Nygard, esasan, geografik taýdan selçeň ilatly ýerleri bolan Norwegiýa ýaly ýurtlarda şeýle çözgütleriň oňyn netije berjekdigini belleýär.




Maksatnamanyň çäklerinde diňe howa gämisiniň tehniki aýratynlygy däl, eýsem, şol bir wagtyň özünde täze howa gämileriniň işledilmegi üçin ýerüsti desgalaryň hem üýtgedilmegi göz öňünde tutulýar. Taslama Norwegiýanyň «Avinor», ABŞ-nyň «Bristow Group» we «Electra» kompaniýalarynyň hyzmatdaşlygynda amala aşyrylýar.

Dokuz ýolagçy orunlyk «EL9» uçarlary 80-800 kilometr aralykda hyzmat eder. Howa gämisi geografik taýdan daglyk we suwly ýerlerde gury ýer arkaly has uzak ýoldan barylýan aralygy gysgaltmaga ýardam eder.

Ilkinji synag uçuşy geljek ýyl ýurduň demirgazygyndaky kiçi howa menzilinde, soňra bolsa howa menzili bolmadyk ilatly ýerlerde amala aşyrylar.

**Atajan GARAÝEW,**
*Kaka etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň müdiri.*

## Suwasty maglumat merkezleri gurulýar

Internet älemindäki maglumatyň artmagy netijesinde maglumat merkezlerine bolan isleg hem ýokarlanýar. Bu bolsa, maglumatlary saklamak üçin merkezleriň artmagyna getirdi. Maglumat saklaýjy desgalaryň gyzýandygy sebäpli olary yzygiderli sowatmaly bolýar. Bu ýagdaý has köp energiýa talap edýär. Munuň öňüni almak üçin maglumat merkezleri sowuk ýerlerde gurulýar. Soňky ýyllarda deňizlerde hem maglumat merkezleri gurulýar. Şeýle usul bu desgalarda energiýanyň sarp edilişini görnetin azaldýar. «Panthalassa» startapy suwasty maglumat merkezleri üçin täze çözgütleri işläp taýýarlaýar. Bu tehnologiýa suwasty maglumat merkezi üçin gerek bolan elektrik energiýasyny tolkunyň hereketinden almagy göz öňünde tutýar. Taslama desga üçin gerek bolan elektrik energiýasyny uzak aralykdan getirmek zerurlygyny aradan aýyrýar.

«Ocean-3» atly taslamanyň çäklerinde suwuň ýüzünde durýan maglumat merkezleri işlenip taýýarlanýar. Netijede, adatdakylardan has az çykdajyly maglumat merkezleri gurlar.

Ilkinji «Ocean-3» şu ýylyň dowamynda Ýuwaş ummanynyň demirgazygynda işe giriziler.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 8-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118626
Belgisi: 19/1689
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Kitap – ruhy hazyna

Adamzat taryhynyň tutuş dowamynda ösüşiň we siwilizasiýanyň özeni bilim bilen baglanyşyklydyr. Bilimiň iň ygtybarly saklanýan we nesillere geçirilýän ojagy kitaphana diýlip atlandyrylýar. Şu günki sanlylaşan dünýäde hem kitaphanalar diňe bir kitap saklanýan ýer däl, eýsem, ynsan ruhunyň dynç alýan we kämilleşýän merkezidir.

Kitap wagtyň we giňişligiň çäklerinden aşmagyň iň aňsat ýoludyr. Gadymy döwürlerde toýundan ýasalan tagtajyklar, dürli daşlara ýazylan şekiller bilen başlanan bu ýol häzirki wagtda kagyza we elektron formatlara geçdi. Emma kitabyň esasy wezipesi üýtgemedi. Ol maglumat bermek, terbiýelemek we pikirlendirmek wezipelerini dowam etdirýär.

Kitaphanalar diňe bir dört diwaryň arasyndaky tekjeler däl-de, binagärlik sungatynyň iň naýbaşy nusgalarydyr. Kitaphanalar ähli ynsanlara iň gymmatly hazyna bolan bilime mugt ýetmäge mümkinçilik berýär. Seýrek duş gelýän golýazmalar we köne çap edilen kitaplar arkaly taryhymyz we medeni mirasymyz goralyp saklanýar. Mekdepden ýa-da uniwersitetden daşgary, adamyň öz erkine öwrenip biljek iň oňat gurşawy kitaphanalardyr.



Dünýäde kitap okamak endigi boýunça ýurtlaryň arasynda uly tapawutlar bar. «NOP World Culture Score Index» ýaly halkara guramalaryň maglumatlaryna görä, dünýäde iň köp kitap okaýan halklaryň sanawynda Hindistan hepdede 10 sagat 42 minut bilen öňdeligi eýeleýär. Şeýle hem Tailand, Hytaý, Filippinler, Müsür ýaly ýurtlarda hem kitap okamaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Häzirki wagtda köpler «Internet bar wagty kitaphana gerekmi?» diýip sowal berýärler. Emma internetde maglumat köp, ýöne onuň dogrulygy hemişe kepillendirilmeýär. Kitaphana bolsa subut edilen, takyk ylmy maglumaty hödürleýär. Häzirki zaman kitaphanalary eýýäm sanly formata geçip, «E-kitaphana» hyzmatlaryny teklip edýärler, bu bolsa kitapsöýüjilere dünýäniň islendik künjeginden gymmatly çeşmelere ýetmäge ýol açýar.

Türkmen halky gadymdan bäri kitaba mukaddeslik hökmünde garap gelipdir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýat merkezlerinde gurlan döwrebap kitaphanalar iň täze tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan «akylly» bilim ojaklarydyr. Sanly ulgam arkaly dünýäniň islendik nokadyndaky ylmy işlere elýeterliligiň üpjün edilmegi ýaşlarymyzyň dünýä derejesinde bilim almagyna giň ýol açýar.

Ýaş nesilleri watansöýüji, arassa ahlakly, belent adamkärçilikli, ruhubelent, giň dünýägaraýyşly, ylymly-bilimli adamlar edip ýetişdirmekde olaryň kitaba söýgüsini, okamak höwesini artdyrmagyň örän uly ähmiýeti bar. Garaşsyzlyk ýyllarynda nusgawy edebiýatymyzyň nesil terbiýesi bilen bagly, pähim-parasatly pikirlere baý dürdäneleri, halk döredijilik eserleri, şol sanda gyzykly ertekiler we rowaýatlar, ýazyjy-şahyrlaryň eserleri ýokary çap edilip, kitaphanalaryň kitap gory has baýlaşdyryldy. Bu ugurdaky işler häzirki wagtda hem yzygiderli dowam etdirilýär.

**Mähri SEÝITMÄMMEDOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Hajy Ysmaýylow adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Watanymyzyň ösüşleri – rowaçlygyň şuglasy

Ajaýyp zamanada ähli ugurlarda durmuşa geçirilýän özgertmeler göwünleri galkyndyrýar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň, nurana geljeginiň esasyny düzýän uly ösüşler gazanylýar. Taryhy döwür ýurdumyzyň ösüşleriniň dünýä ýaýylýan, ata Watanymyzyň halkara abraýynyň täze belentliklere göterilýän zamanasy hökmünde şöhratlanýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan ähli işler, ilkinji nobatda, adamlaryň eşretli ýaşaýyş-durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Döwletimiziň we jemgyýetimiziň baş ýörelgesi bolan «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarlar halkymyzyň eşretli, abadan durmuşy baradaky aladanyň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudygyna şaýatlyk edýär. Bu gün Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiz gülläp ösýän ýurtlaryň hatarynda dünýäniň ykdysady giňişligine işjeň goşulýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň uly dabaralar bilen garşylanjak ýylynda eziz Diýarymyzyň ykdysady, syýasy, umuman, ähli ulgamlardaky kuwwatynyň has-da ýokarlanmagy, ösüşleriň aýdyň ýolunda bedew bady bilen öňe sary ynamly gadam urmagy bizi diýseň begendirýär.

«Gurýan döwlet gurpludyr» diýen jümle ösüşlere beslenýän zamanamyzyň belent hakykatyny beýan edýär. Ilatyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligini has-da gowulandyrmak, her bir maşgalany häzirki zaman öýi bilen üpjün etmek döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Muny Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp binagärlik eseri bolan Arkadag şäheriniň keşbinde hem görmek bolýar. Köp sanly baýraklaryň



eýesi bolan sebitiň deňi-taýy bolmadyk «akylly» şäheriniň gurluşygynyň birinji tapgyrynda 7 müň 368 maşgala niýetlenen ýaşaýyş jaýlary bina edilen bolsa, ikinji tapgyrda 4 müň 284 maşgala üçin ýaşaýyş jaýlarynyň, beýleki medeni-durmuş maksatly binalaryň, orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň gurluşyklarynyň meýilleşdirmegi ýurdumyzda adam hakdaky aladanyň iň belent görkezijisidir.

Dünýä ykdysadyýetindäki çylşyrymly maliýe-ykdysady ýagdaýlara garamazdan, ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň önümçilik kuwwaty artyp, ýylda 6 göterimden ýokary ösüş depgini gazanylýar. Muňa şu ýylyň ýanwar-aprel aýlaryndaky ykdysady görkezijiler hem aýdyň subutnamadyr. Bu döwürde jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime deň boldy. Şol sanda ulag we aragatnaşyk ulgamynda 10,3 göterim, hyzmatlar ulgamynda 8,4 göterim hem-de söwda pudagynda 7,9 göterim ösüş gazanyldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň mukdary 10,4 göterim ýokarlandy. Bu görkezijiler ýurdumyzyň ykdysadyýetinde durnukly ösüşiň gazanylýandygynyň alamatydyr. Ýurdumyz diňe bir haryt dolanyşygyny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady ösüşi we ekologiýa taýdan deňagramlylygy saklamaga gönükdirilen döwlet syýasatyny hem alyp barýar.

Garaşsyzlygyň şanly 35 ýyllygy bellenilýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly atmyradyň mekany» ýylynda durnukly ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Diýarymyz ägirt uly sepgitlere ýetýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlan asylly işleriniň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda gazanylýan üstünlikler halkara derejede doly ykrar edilýär.

**Ogulşeker GURBANOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# KazanForum: asylly menziller, ýakyn gatnaşyklar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen halkara başlangyçlaryny amala aşyrmakda we sebitde hyzmatdaşlygy, ynanyşmagy berkitmekde «Russiýa - Yslam dünýäsi: KazanForum» halkara ykdysady forumynyň ähmiýetine aýratyn uly orun degişlidir. Türkmenistan bilen Russiýa halkara giňişlikde işjeň hyzmatdaşlyk edýärler, BMG-niň we beýleki iri halkara guramalaryň çäklerinde aýratyn ähmiýetli başlangyçlarydyr teklipleri ilerletmekde birek-biregi yzygiderli goldaýarlar.

Şu nukdaýnazardan, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna amala aşyrjak sapary hem-de «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum» halkara ykdysady forumyna gatnaşmagy sebit we halkara gatnaşyklarynyň taryhynda möhüm sahypa bolar. Bu sapar diňe bir ykdysady däl, eýsem, ruhy-medeni we diplomatik taýdan uly ähmiýete eýedir.

KazanForum – Russiýa Federasiýasy bilen Yslam dünýäsiniň ýurtlarynyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy berkitmek üçin esasy meýdança bolup hyzmat edýär.

Halkara forumyň hem-de onuň çäklerinde geçiriljek «Russiýa – Yslam dünýäsi hyzmatdaşlyk EXPO», «Halkara emläk bazary» atly sergiler we maslahatlar, «Kazan halal bazary» halkara ýarmarkasy, «Asylly moda güni» festiwaly ýaly ugurdaş çäreler söwda dolanyşygyny artdyrmak we maýa goýumlary çekmek, «Demirgazyk-Günorta» halkara ulag geçelgesini ösdürmek, halal önümçilik ülňülerini ornaşdyrmak umumy gymmatlyklara esaslanýan dostlukly gatnaşyklar hususanda medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ädime öwrüler. Forum 12–17-nji maý aralygynda geçiriler we oňa dünýäniň 60-dan gowrak ýurdundan wekilleriň gelmegine garaşylýar. Esasy işewürlik duşuşyklary we ylalaşyklar «Kazan Expo» hal-




kara sergi merkeziniň meýdançalarynda amala aşyrylar.

Türkmenistan bu halkara forumda özüniň milli pawilýony bilen wekilçilik eder. Sergide ýurdumyzyň maýa goýum taslamalary, ykdysady kuwwaty we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça teklipleri giňden görkeziler. Türkmenistanyň milli pawilýony forumyň gatnaşyjylaryna ýurdumyzyň ykdysady ösüşleri we geljekki bilelikdäki taslamalar bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasy oňyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary ösdürmek bilen, söwda-ykdysady ulgamda, ýangyç-energetika toplumynda we beýleki pudaklarda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu ugurlarda bar bolan kuwwatlyklary hasaba almak arkaly umumy tagallalaryň birleşdirilmegi has netijeli hasap edilýär.

Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary halkara derejesindäki çäreler bilen hem utgaşykly ösdürilýär. Iki ýurduň çäginde geçirilýän forumlardyr maslahatlara ýokary derejede işjeň gatnaşyk saklanýar. Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda «Kazan Forumyny» geçirmek indi asylly däbe öwrüldi. Bu forum ilkinji gezek 2009-njy ýylda geçirildi. Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň karary bilen foruma federal derejesi berildi. Şondan bäri oňa gatnaşyjylaryň gerimi barha giňeýär.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz 2025-nji ýylda hem bu iri wekilçilikli foruma gatnaşdy. Mahlasy, türkmen halkynyň Milli Lideriniň Kazana bu gezekki sapary hem RF-niň Tatarystan Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy, umuman, Russiýa Federasiýasy bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýolunda nobatdaky ädim bolar. Ýurdumyzyň yslam dünýäsiniň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy-da okgunly ösdürilýär. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň 2022-nji we 2024-nji ýyllarda hormatly myhman hökmünde «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum» halkara ykdysady forumlaryna gatnaşandygyny bellemek gerek. Ýurdumyzyň wekiliýeti-de 2009-njy ýyldan bäri her ýyl geçirilýän bu wekilçilikli duşuşyga ençeme gezek gatnaşdy.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Türkmen bedewleriniň dünýädäki abraýy artýar

Türkmenistanyň şan-şöhraty dünýä dolan ahalteke bedewleri halkara giňişliginde ýurdumyzyň naýbaşy nyşanyna öwrüldi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen atçylyk sungatyny täze belentliklere götermek, bedewlerimiziň dünýä derejesindäki abraýyny has-da berkitmek ugrunda taryhy işler durmuşa geçirilýär. Muňa ýurdumyzyň öňümizdäki abraýly atçylyk çärelerine we halkara ýaryşlaryna gatnaşmaga taýýarlyk görmegi aýdyň subutnamadyr.

Şu ýylyň 9-10-njy maýynda Özbegistanyň Daşkent şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän «Gündogaryň merjeni» atly halkara sport we gözellik bäsleşigi ahalteke bedewleriniň diňe bir ýyndamlygyny däl, eýsem, olaryň täsin gözelligini hem dünýä jemgyýetçiligine ýene bir gezek görkezmäge mümkinçilik berer. Behişdi bedewlerimiz tutuş dünýäde bedewleriň daşky sypaty we asyllylygy boýunça iň oňat atlar hasaplanýar.



«Gündogaryň merjeni» atly çäreler atçylyk sportuny ösdürmäge we Özbegistanda arassa ganly bedewleri görkezmäge ýardam edýän abraýly halkara ýaryşydyr. Bäsleşik ahalteke we beýleki arassa ganly atlary ukyplaryny görkezmäge gönükdirilendir. Ýaryşlara diňe bir Özbegistanyň welaýatlaryndan gelen çapyksuwarlar däl, eýsem, goňşy ýurtlaryň - Gazagystanyň, Täjigistanyň we Russiýanyň wekilleri hem gatnaşýarlar. Atly sportuň dürli görnüşleri, şol sanda päsgelçiliklerden böküp geçmek (konkur) we beýleki milli oýunlar boýunça bäsleşikler guralar.

Türkmen atçylarynyň Beýik Britaniýada geçirilýän meşhur Windzor halkara atly oýunlaryna gatnaşmagy britan topragynda ahalteke bedewlerine goýulýan hormatdan nyşan bolup durýar. «Royal Windsor Horse Show» 1944-nji ýyldan bäri Windzor köşgünde, hususy meýdançada geçirilýän abraýly ýyllyk atçylyk çäresidir. Şu ýyl bu çäräniň 14-17-nji maý aralygynda geçirilmegi meýilleşdirilýär. Londonda geçirilýän Patyşa maşgalasynyň atly şowhunly çykyşlary dürli görkezme hem-de teatrlaşdyrylan çykyşlary we bäsleşikleri öz içine alýan köp günlük baýramçylykdyr.

Ahalteke bedewleriniň Windzor köşgüniň meýdançasyndaky gözden geçiriliş çäreleri türkmen medeniýetiniň dostluk köprüsine öwrüler.

Türkmen bedewleriniň halkara meýdançalardaky her bir ýeňşi ýurdumyzyň atçylyk pudagynda gazanýan üstünlikleriniň miwesidir. Döwrebap atçylyk toplumlarynyň gurulmagy, ylmy-seýisçilik işleriniň kämilleşdirilmegi netijesinde, behişdi bedewlerimiziň şöhraty barha dünýä dolýar.

«Gündogaryň merjeni» bolup lowurdaýan ahalteke bedewleri Windzor meýdançalaryndan başlap, dünýäniň uly sport arenalaryna çenli türkmen halkynyň buýsanjyny äleme ýaýýar.

**Mamajan HAÝTMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Temmäkiniň adam saglygyna zyýany

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ilatyň arasynda sagdyn durmuş kadalaryny ornaşdyrmakda we wagyz-nesihat etmekde, raýatlarymyzyň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmakda, ýaşlary sagdyn ruhda terbiýelemekde, temmäkä garşy göreşmekde, ýurdumyzy temmäkiden azat ýurda öwürmekde giň gerimli işler alnyp barylýar.

Ylmy barlaglar temmäki tüssesiniň düzüminde müňlerçe himiki jisimleriň saklanyp, olaryň ýüzlerçesiniň zäherlidigini subut edýär. Temmäki diňe bir ony çekýän adama däl, eýsem, töweregindäki adamlara hem uly zyýan ýetirýär.

Temmäkiniň esasy zäheri nikotin bolup, ol nerw awusy hasaplanýar. Temmäkiden zäherlenmäniň ilkinji alamaty baş aýlanmadyr. Wagtyň geçmegi bilen, çalt ýadamak, gyzmaklyk, huş peselme, kelleagyry, ukusyzlyk ýaly newroz alamatlary ýüze çykýar. Çilim ýürege we gan damarlara ýaramaz täsir edýär, olar çeýeligini ýitirip gataýar we daralýar. Çilim çekilende ýürek urşy güýçlenýär. Ýürek sagdyn adamda 1 minutda 70 sapar ursa, çilimkeşlerde 80-90 gezek urýar. Bu ýagdaýda, esasan hem, ýüregi gowşak adamlara kyn düşýär. Çilimkeşleriň ganynda karboksigemoglobin köpelmegi sebäpli ýürek myşsasyna kislorod gelmegi peselýär. Ýürekde gan aýlanyşyk peselse, onuň ýag almagy güýçlenýär. Şeýlelikde, çilimkeşlik ateroskleroza getirýär, ateroskleroz hem işemiýa getirýär.



Çilim tüssesiniň aşgazanyň nemli bardasyny yzygiderli gyjyndyrmagy netijesinde aşgazan turşusyny köp bölüp çykarýar, bu bolsa gastrit keseline getirýär. Eger çilim çekmeýän adam köplenç çilim çekilýän ýerde bolsa dowamly aşgazan-içege keselllerine getirip biler. Çilimkeşleriň diliniň üstünde ak galyň gatlak bolup, iýmitiň tagam duýmasy peselýär. Temmäki nerw duýgurlygyny peseldýär.

Çilimkeşleriň burun boşlugynda dowamly sowuklama yzygiderli bolup duransoň, ys almasy peselýär. Şeýle hem gözi hemişe gyzaryp ýaşarýar, gözüniň görşi, reňk saýgarmasy peselýär. Çilimkeşleriň agyz-burun boşlugynyň dowamly sowuklamasy eşidiş agzalarynyň işini peseldýär.

Temmäki tüssesindäki awuly jisimler we gurum bokurdagyň traheýanyň, bronhallaryň nemli bardasyny gyjyndyryp dürli kesellere getirýär. Alymlar çilimkeşleriň öýkeniniň işjeňliginiň gowşak derejededigini belleýärler. Bu bolsa bedeniň ýokanç kesellere garşy göreşijiligini peseldýär.

**Leýla BATYROWA,**
*Aşgabat şäher neşekeşligiň, arakhorlugyň we ruhy keselleriň öňüni alyş merkeziniň bölüm müdiri.*

# Gahrymanlar hakydalarda baky ýaşaýar

1418 güne çeken 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy öwezini dolup bolmajak ýitgilere getirip, halklaryň ýüreklerine bitmejek ýara saldy. Watançylygyň deňi-taýy bolmadyk nusgasyny görkezen gahrymanlaryň mertebesine, görelde mekdebine sylag-hormat ýokary bolup, olar hemişe alkyşlanýar.

Döwletiň we jemgyýetiň öňünde watansöýüjiligi, wepalylygy, gaýduwsyzlygy, edermenligi, batyrlygy, merdanalygy we mertligi bilen tapawutlanan, ýurduň harby we goranmak kuwwatyny pugtalandyrmaga we kämilleşdirmäge ägirt uly goşant goşan raýatlary sylaglamak maksady bilen, 1934-nji ýylyň 16-njy aprelinde «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ady dakmagyň, «Altyn ýyldyz» medalyny we döwlet sylagynyň şahadatnamasyny, nyşanlaryny gowşurmagyň hukuk düzgünnamasy kabul edilýär. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynyň söweş hereketlerinde görnükli hyzmatlary nazara alnyp, bu mukaddes hormatly ada, iň ýokary tapawutlandyryş derejä 38 sany halkyň wekillerinden 12777 raýat mynasyp boldy. Olaryň arasynda 2 adam 4 gezek, 3 adam 3 gezek, 154 adam 2 gezek, 12618 raýat 1 gezek mynasyp boldy. Geçen taryhy döwürde 3051 raýata «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly at aradan çykandan soňra berildi. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda 13 sany sebit «Gahryman şäherler» hökmünde yglan edildi. «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada 95 sany zenan mynasyp boldy. Olaryň ilkinjileri W. Grizodubowanyň we Z.Kosmodemýanskaýanyň atlary bilen baglanyşyklydyr. Zenanlaryň arasynda ilkinji bolup 2 gezek «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada mynasyp bolan S.E.Sowiskaýadyr. Ilkinji bolup «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada uçarman A.Lýapidewskiý, ýaş nesliň wekili hökmünde ilkinji bolup 14 ýaşynda W.Kotik, ilkinji bolup ýaşuly nesliň wekili hökmünde 86 ýaşynda I.Týulenow, W.Kuzmin ýaly raýatlar mynasyp boldular. 22 sany maşgalanyň agzalary «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada birnäçe gezek mynasyp boldular. Bir ýylda 2 gezek «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada ilkinji bolup mynasyp bolan S.I.Grisewes bilen G.P.Krawçenkodyr. Uzak ýyllar ömür sürüp, ýarym asyrdan gowrak, bäş müçä golaý döwür «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ady göteren gerçek B.Krawsowdyr. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly adyň eýesi A.Matrosowyň edermenligi, gaýduwsyzlygy, batyrlygy köp gezek gaýtalanmagy boýunça taryhyň altyn sahypalaryna girdi.

Beýik Watançylyk urşunyň söweş hereketlerine dürli halklaryň wekillerinden 2000-e golaý ýazyjy-şahyrlar, galamgärler gatnaşdylar. Olaryň 500-e golaýy dürli orden-medallar bilen sylaglandy, 18-sine bolsa «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly at dakyldy. Döredijilik äleminde öçmejek yz galdyran şol meşhur ýazyjy-şahyrlaryň 276-sy söweş meýdanlarynda wepat bolup, olaryň guburlary ata Watanlaryndan uzaklarda galdy.

Hünärmenleriň bellemegine görä, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda pida bolan raýatlaryň her biriniň gahrymançylyk hormaty üçin 1 minutlyk dymyşlyk yglan edilmeli bolsa, 50 ýyl töweregi wagt gerek bolardy. Doganlyk halklaryň wekilleri bilen egin-egne berip XX asyryň gazaply söweş meýdanlarynda watandaşlarymyz, ýeňişli ýollary geçen esgerlerimiz gahrymançylygyň belent we gaýtalanmajak nusgalaryny görkezip, baky şöhrata eýe boldular. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda 78000-den gowrak ildeşimiz edermenligiň, gaýduwsyzlygyň ajaýyp nusgalaryny görkezip, dürli görnüşli orden-medallar bilen sylaglandylar. Olaryň 104-si «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada, 15-si «Şöhrat» ordeniniň üçünji derejesine mynasyp boldular. Ýurdumyzdan «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» diýen hormatly ada ilkinjileriň hatarynda Gurban Durdy, Aýdogdy Tahyrow, Annagylyç Ataýew, Berdimyrat Döwletjanow, Gylyçnyýaz Azalow, Oraz Annaýew, Mülki Baýramow, Pena Rejepow, Täçmämmet Nyýazmämmedow, Allaberdi Agalyýew, Halyl Mämedow, Jumagaly Kaldygaraýew, Saparmät Hojaýew ýaly raýatlar mynasyp boldular. Munuň özi ilatyň her 100 müňüne düşýän Gahrymanlaryň sany boýunça Türkmenistanyň ozalky Soýuz Respublikalaryň arasynda birinji orny eýeleýändigini görkezýär. Beýik Watançylyk urşunyň front hereketlerine 24000 sany türkmen bedewiniň, 2000-e golaý at arabalaryň, 3125-den gowrak dürli görnüşli awtoulaglaryň, traktorlaryň ugradylmagy, Goranmak gaznasyna 7392 kilogramdan gowrak altyn-kümüş tabşyrylmagy ýurdumyzyň köptaraply düzümde halk hojalygy üçin ägirt uly goşant goşandygyny görkezýär. Beýik Watançylyk urşy ýyllaryna ýurdumyzda bir maşgaladan iň köp wekil – 11 sany perzent gatnaşan mukaddes ojak Türkmengala etrabyndan Tagan Özbekowyň hojalygy hasap edilýär.

1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň front hereketlerine gatnaşyp, wepat bolan ildeşlerimiziň ählisi 2000-nji ýylda Türkmenistanyň Milli Gahrymanlary diýlip yglan edildi. 2001-nji ýyldan soňra Milli Gahrymanlarymyzyň edermenligi barada köpjiltlik «Hatyra» we «Şöhrat» kitaplarynyň tapgyrlaýyn neşir edilip gelinmegi, ýurdumyzyň dürli künjekleriniň dolandyryş-çäk birliklerine gazaply ýyllarda ýanbermez edermenligi, gaýduwsyz merdanalygy görkezen gahrymanlaryň atlarynyň dakylmagy aýratyn guwandyryjydyr. Her ýyl milli hatyra dessurlaryna eýerilip, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda gurban bolan, ýalynly ýyllarda gahrymançylygyň belent nusgalaryny görkezen esgerlerimiziň hormatyna bina edilen ýadygärliklere ter gül çemenleriniň goýlup, olaryň maşgalalaryna sowgatlaryň gowşurylmagy halkymyzyň göwün guşuny ganatlandyrýar. Döwürleriň arabaglanyşygynda bagtyýar nesillerimiz ygrarlylyk, wepalylyk, bagtyýarlyk, röwşen geljek ýaly mukaddes gymmatlyklary peşgeş beren gahrymanlaryň mertebesini, şöhratly ykballaryny, edermenlige beslenen durmuş tejribelerini hiç haçan ýatdan çykarmaz. Merdana pederlerimiziň söweşjeň gahrymançylygy we dost-doganlykda taplanan taryhyň sahypalaryndaky şöhratly ýollary nesilleriň kalbynda sarpalanyp, hakydalarda ebedi ýaşar.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*



# Beýik işler müdimidir

Merdana pederlerimiziň hiç haçan öçmejek şöhraty, zähmet edermenligi, gaýduwsyz gahrymanlygy, bagtyýar günlerimiziň hatyrasyna bitiren asylly işleri dogrusynda oýlananyňda, Gündogaryň beýik danasy, akyldar Abulkasym Firdöwsiniň şeýle setirleri ýadyňa düşýär:

***Dünýäde ähli zat garylar çaňa,***
***Diňe iki zat kär etmez oňa,***
***Gahrymanyň işi, dananyň sözi,***
***Asyrdan asyra äkider bizi.***

Hakykatdan hem, ýaşaýyşda beýik işler müdimi galýar, parasatly sözler il içinde adygýar. Watanyň azatlygy, toprak üçin şirin janyny orta goýup, 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda edermenligiň belent nusgasyny görkezen pederlerimiziň batyrlygy indi 81 ýyl bäri bagtyýar nesillerimiziň hakydasynda ýaşaýar.

Türkmen halkynyň taryhynda iň hasratly ýyllar bolup geçen 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda söweşen gahrymanlaryň hatyrasy asuda, parahat ýurdumyzda ýaşaýan halkymyz tarapyndan sarpalanýar. Şol gazaply uruş ýyllarynda türkmen ýigitleri hem ata Watanyny goradylar. Ene topragymyzyň parahatçylygy, erkinligi ugrunda janyny gurban eden ata-babalarymyzyň ýanbermez we ýeňilmez ruhlary ägirt uly güýje öwrülip, bize geçmişimizi, şu günümizi, geljegimizi gözümiziň göreji ýaly gorap saklamaga çagyrýar. Faşizme garşy barlyşyksyz söweşlerde türkmen gerçekleriniň görkezen taýsyz edermenligi bagtyýar nesillerimiziň ýüreklerinde ebedi ýaşaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Mertler Watany beýgeldýär» diýen dürdäne sözleri bu günki gün kalbymyzda aýdym bolup ýaňlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň söweş edermenligi, nusgalyk zähmet ýoly biz ýaşlar üçin watansöýüjiligiň beýik mekdebidir. Bu hakda biz Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy» romanyndan köp maglumatlary bilýäris.

Türkmen gerçekleri söweş meýdanynda edermenligiň, batyrlygyň, mertligiň beýik nusgasyny görkezdiler. Urşuň ýowuz ýyllarynda tylda galan ak saçly enelerimiz, mähriban gelin-gyzlarymyz hem gaýratly zähmet çekdiler. Olar söweşýän esgerler üçin ýüňden ellik, jorap örüp, egin-eşik tikip fronta ugradypdyrlar. Her ýylyň 9-njy maýynda 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň baýramyny uly dabara bilen belläp geçýäris. Bu ýeňişde türkmenistanly gerçekleriň hem ägirt uly goşandynyň bardygy biziň buýsançly başymyzy göge ýetirýär. Ganym urşuň gutaryp, Beýik Ýeňşiň gazanylanyna 81 ýyl boldy. Şonuň bilen bagly geçirilýän dabaralar ýurdumyzyň ähli ýerini gurşap aldy. Her ýyl Ýeňiş baýramçylygy mynasybetli edara-kärhanalarda, mekdep okuwçylarynyň arasynda duşuşyklar guralýar. Türkmen gerçekleriniň söweşde görkezen edermenligi dogrusynda buýsançly çykyşlar edilýär. Munuň özi türkmen halkynyň öz milli gahrymanlaryna bolan sylag-hormatynyň we sarpasynyň aýdyň subutnamasydyr.

Watan gerçeklerine uly sylag-hormat goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

# Ýol howpsuzlygy – jemgyýetiň asudalygy

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň ýol-ulag düzümi barha kämilleşdirilýär. Häzirkizaman ulag üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegi Türkmenistanda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Ýurdumyzda kämil ulag syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýän döwründe ýol hereketiniň medeniýeti hem örän uly ähmiýete eýedir. Her bir döwletiň durmuş-ykdysady ösüşinde we jemgyýetçilik asudalygynda ýol hereketiniň medeniýeti aýratyn orun tutýar. Bu mowzuk diňe bir sürüjilere däl, eýsem, her bir raýata – pyýadalara hem degişlidir.

Ýol hereketi diňe bir ulaglaryň gatnawy däl-de, köp san-




ly gatnaşyjylaryň gatnaşmagynda emele gelýän çylşyrymly ulgamdyr. Şäherlerimiziň we obalarymyzyň infrastrukturasy döwrebaplaşdygyça, ýollardaky tertip-düzgün meselesi hem özüniň wajyplygy bilen öňe çykýar. Ýol hereketiniň howpsuzlygy üç sany esasy sütüne esaslanýar: sürüji, ulag we ýol. Emma bu zynjyryň iň möhüm halkasy adamdyr. Şol sebäpli, ýol hereketiniň düzgünlerini bilmek we olara eýermek diňe bir borç däl, eýsem, her birimiziň ömrümize we töwerekdäkilerimize bolan hormatymyzdyr. Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy (PÝGG) jemgyýetçilik tertibini saklamakda we ýollarda asudalygy üpjün etmekde möhüm wezipäni amala aşyrýar. Bu gullugyň işgärleri her gün islendik howa şertlerine garamazdan, ýollaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin zähmet çekýärler. Ýol hereketiniň gatnaşyjylary tarapyndan düzgünleriň berjaý edilişine gözegçilik etmek, ýollarda düzgün bozulmalarynyň we heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak boýunça yzygiderli çäreleri geçirmek, aýratyn hem ýaş nesliň arasynda ýol hereketiniň düzgünlerini öwretmek we wagyz etmek möhümdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýol gözegçilik gullugynyň işine sanly tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. «Akylly» şäher konsepsiýasynyň çäklerinde ornaşdyrylýan wideo-gözegçilik ulgamlary we awtomatlaşdyrylan ulgamlar ýollardaky tertibi has-da berkidýär. Bu ulgamlar düzgün bozulmalaryny dessine anyklamaga hyzmat edýär.

Ýol hereketi biziň gündelik durmuşymyzyň bir bölegi. Her bir sürüji we pyýada özüni uly maşgalanyň agzasy ýaly duýup, düzgünleri berjaý etse, ýollarymyz has-da parahat bolar. Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň maksady her bir raýatymyzyň öýüne sag-aman barmagyny üpjün etmekdir.

**Hakberdi REJEPOW,**
*Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrap polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Ilkinji elektromobil muzeýi açyldy.** ABŞ-nyň Arizona ştatynyň Kingman şäherinde dünýäde ilkinji elektromobil muzeýi açyldy.



«Arizona Route 66» toplumynyň bir bölegi bolan bu muzeýde XX asyryň başyndaky taryhy modellerden başlap, häzirki zamanyň döwrebap ulaglaryna çenli eksponatlar görkezilýär. Hususy toplaýjylaryň başlangyjy bilen döredilen bu täze desga sebitiň syýahatçylyk we elektroulag infrastrukturasynyň ösüşine uly goşant goşar.

**Dünýäniň iň gymmat ýoly gurulýar.** Hindi ummanyndaky Reýunon adasynda gurulýan 12,5 kilometrlik täze kenarýaka ýoluň bahasy 2 milliard ýewrodan geçip, dünýäniň iň gymmat taslamalarynyň birine öwrüldi.



Täze ýol gaýadan daş gaçma howpunyň öňüni almak üçin kenardan daşlaşdyrylyp, ummanyň içindäki köpri arkaly geçýär. Fransiýanyň iň uzyn köprüsini öz içine alýan bu taslama tebigaty goramak bilen bagly ýagdaýlar sebäpli 2030-njy ýyla çenli uzaldyldy.

**«Siren gülli zenan» eseri satylar.** «Christie's» söwda öýi 18-nji maýda Nýu-Ýorkda P.O.Renuaryň 97 ýyl bäri hususy kolleksiýada saklanan meşhur nakgaşlyk eserini satuwa çykarar.



Hünärmenler tarapyndan 25-35 million amerikan dollary aralygynda baha kesilen bu eser soňky onlarça ýylda bäsleşikli söwda çykarylan iň ähmiýetli işleriň biridir. 1876-njy ýylda çekilen suratda suratkeşiň iň gowy gören model zenanlarynyň biri bolan Nini Lopes şekillendirilýär.

**«Howsalaly gyz» auksiona çykarylýar.** Nýu-Ýorkda geçiriljek «Christie's» auksionynda Roý Lihtenşteýniň 1964-nji ýylda döreden meşhur «Howsalaly gyz» eseri 60 million amerikan dollary baha bilen satuwa çykarylýar.



30 ýyllap hususy kolleksiýada saklanan bu eser pop-art žanrynyň iň kämil nusgalarynyň biri hasaplanýar. 18-nji maýda geçiriljek söwdalaşyk 10 ýyllyk arakesmeden soň, ussadyň «Gyzlar» tapgyryna degişli seýrek eseriň täze eýesini tapmagyna mümkinçilik berer.

**Plutonyň statusy gözden geçirilýär.** NASA-nyň administratory J.Aýzekman Plutonyň planeta statusynyň dikeldilmegi ugrunda täze ylmy delilleriň taýýarlanýandygyny mälim etdi.



2006-njy ýylda «girdenek planeta» diýlip ykrar edilen Plutonyň çylşyrymly geologik gurluşy «New Horizons» zondunyň maglumatlary arkaly subut edildi. Bu mesele NASA-nyň 2027-nji ýyl üçin býujet ara alyp maslahatlaşmalarynda ýene-de ylmy jemgyýetçiligiň dykgatyna ýetirildi.

**Ramses II heýkeli tapyldy.** Müsüriň Tell-Farun diýen ýerinde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işlerinde faraon Ramses II agramy 6 tonnalyk heýkeli tapyldy.



Ýurduň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrliginiň habar bermegine görä, b.e. öňki XIII asyra degişli bu seýrek artefakt dini maksatlar üçin ulanylypdyr. Tapyndy ylmy-dikeldiş işlerini geçirmek üçin muzeý ammaryna ýerleşdirildi.

**Kofe garramagy haýalladýar.** Tehas uniwersitetiniň alymlary (ABŞ) kofeniň düzümindäki polifenollaryň «NR4A1» belogyny işjeňleşdirip, garramagyň öňüni alýandygyny subut etdiler. Bu birleşmeler öýjükleriň dikelmegine we huşsuzlyk ýaly ötüşen keselleriň döremek töwekgelçiligini azaltmaga ýardam edýär. Barlaglar hatda kofeinsiz içginiň hem ýatkeşligi we beýni ukyplaryny gowulandyrýandygyny görkezdi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1886-njy ýylyň 8-nji maýynda ABŞ-nyň Jorjiýa ştatynyň Atlanta şäherinde farmasewt Jon Pemberton «Coca-Cola»-nyň formulasyny döretdi. «Jeýkobs» dermanhanasynda 5 sentden satylan bu şerbet ilkibaşda bedene güýç berýän we argynlygy aýyrýan serişde hasaplanypdyr. Koka ýapragyndan we kola hozundan taýýarlanan bu derman soňra dünýäniň iň meşhur gazly içgisine öwrüldi.**




# Ýerewanda ÝSJ-niň VIII sammiti geçirildi

4-nji maýda Ermenistanyň paýtagty Ýerewan şäherinde Ýewropa syýasy jemgyýetiniň (ÝSJ) VIII sammiti geçirildi. «Geljegi gurmak: Ýewropada agzybirlik we durnuklylyk» diýen şygar astynda geçirilen bu forum dünýäniň 50-ä golaý döwletiniň, şol sanda Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda guraldy. Sammitiň gün tertibiniň esasy ugurlaryny sebit we dünýä howpsuzlygy, energetika garaşsyzlygy hem-de transmilli ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri düzdi.

Bu gezekki duşuşyk özüniň düzümi boýunça taryhy häsiýete eýe boldy. Forumyň taryhynda ilkinji gezek oňa Ýewropa yklymyna degişli däl döwletiň – Kanadanyň wekilleri gatnaşdy. Kanadanyň Premýer-ministri Mark Karniniň sammite gatnaşmagy Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň arasynda täze strategik hyzmatdaşlygyň kemala gelýändiginiň nyşany hökmünde baha berildi. Şeýle hem çäräniň çäklerinde Beýik Britaniýa bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklary täze derejä çykarmak we goranmak ulgamynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak boýunça gepleşikler geçirildi.

Sammite kabul ediji tarap hökmünde çykyş edýän Ermenistan üçin bu waka Ýewropa Bileleşigi bilen ýakynlaşmak strategiýasynda möhüm ädim boldy. Forumyň barşynda dünýä liderleri häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetine täsirini ýetirýän energetika bazarlaryndaky ýagdaýlary we üpjünçilik zynjyrlarynyň durnuklylygyny ara alyp maslahatlaşdylar. Hususan-da, Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula




fon der Lýaýen we Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron öz çykyşlarynda energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde daşarky täsirlere durnuklylygy ýokarlandyrmagyň we strategik hyzmatdaşlaryň gerimini giňeltmegiň zerurdygyny nygtadylar. ÝSJ-niň bu platformasy taraplaryň özara ynamyny berkitmäge we möhüm meseleler boýunça umumy garaýyşlary kemala getirmäge gönükdirilen möhüm diplomatik meýdança öwrüldi. Bu halkara maslahata Türkmenistanyň wekilleri hem gatnaşdylar.

# Yragyň täze Premýer-ministri

Yragyň Prezidenti Nizar Amidi ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine Ali az-Zeýdini resmi taýdan belläp, oňa Konstitusiýada bellenen möhletde täze hökümet düzmegi we maksatnamasyny parlamentiň garamagyna hödürlemegi tabşyrdy. Bu barada Yragyň INA döwlet habarlar agentligi habar berýär. Şaýy partiýalarynyň koalisiýasyndan ybarat bolan iň iri parlament blogy – Utgaşdyryjy geňeş tarapyndan hödürlenen Ali az-Zeýdi maliýe, ylym we mediýa ulgamlarynda uly dolandyryş tejribesi bolan şahsyýet hökmünde tanalýar. Häzirki wagtda Milli holding kompaniýasynyň direktorlar geňeşine ýolbaşçylyk edýän Ali az-Zeýdiniň bu wezipä bellenilmegi şu ýylyň ýanwar aýynda öňki hökümet Baştutany Nuri al-Malikiniň dalaşgärligi boýunça dowam eden syýasy ara alyp maslahatlaşmalardan soňra gazanylan möhüm ylalaşyk boldy.

Ýurtda 2003-nji ýyldan bäri hereket edýän syýasy düzgünlere görä, döwlet wezipeleri etniki we konfessional aýratynlyklara görä paýlanylýar. Prezident wezipesine kürtleriň, parlament spikerligine sünnüleriň, Premýer-ministr wezipesine bolsa şaýy jemgyýetiniň wekilleri bellenilýär. Täze Hökümet Baştutanynyň öňünde duran esasy wezipeler ýurduň ykdysady durnuklylygyny üpjün etmekden, durmuş



reformalaryny amala aşyrmakdan we döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmekden ybaratdyr. Synçylaryň bellemegine görä, Ali az-Zeýdiniň ykdysady we maliýe ugurlaryndaky professional ukyplary Yragyň nebit gaz pudagyny ösdürmekde we halkara maýa goýumlaryny çekmekde täze mümkinçilikleri açyp biler.

# Çernogoriýa we Albaniýa ÝB-e goşulýar

Ýewropa Bileleşiginiň giňelmek meseleleri boýunça komissary Marta Kos ýakyn ýyllarda bu guramanyň hataryna täze agzalaryň kabul ediljekdigini, hususan-da, Çernogoriýanyň we Albaniýanyň agzalyga iň golaý dalaşgärlerdigini mälim etdi. Onuň sözlerine görä, häzirki wagtda




Bileleşigiň giňelmegi strategik zerurlyga öwrülip, bu ugurda Çernogoriýanyň we Albaniýanyň görkezýän oňyn netijeleri Günbatar Balkan sebitiniň beýleki ýurtlary üçin hem özboluşly görelde bolar. Komissar sebitde käbir ikirjiňlenmeleriň bardygyna garamazdan, täze agzalaryň kabul edilmeginiň Ýewropanyň syýasy we ykdysady durnuklylygyna goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Bileleşige agza bolmak tapgyry çylşyrymly we uzak wagty talap edýän syýasy-ykdysady proses bolup, ol diňe bir dalaşgärlik derejesini almak bilen çäklenmän, eýsem, ýurduň kanunçylygyny we ykdysady ulgamyny ÝB-niň standartlaryna doly laýyk getirmegini hem göz öňünde tutýar. Häzirki wagtda nobata duran ýurtlaryň tejribesi bu ýoluň dowamlylygyny görkezýär: Türkiýe 1999-njy ýyldan, Demirgazyk Makedoniýa 2005-nji ýyldan, Çernogoriýa 2010-njy ýyldan, Serbiýa 2012-nji ýyldan we Albaniýa 2014-nji ýyldan bäri dalaşgärlik derejesini saklap gelýärler.

Ýewropa Bileleşigine iň soňky gezek 2013-nji ýylda Horwatiýa kabul edilipdi. Horwatiýanyň agzalyk ugrundaky gepleşikleri we amala aşyran reformalary jemi 10 ýyl töweregi wagt alypdy. Marta Kosuň bu beýanaty, köp ýyllyk arakesmeden soňra, Bileleşigiň öz gapylaryny täze agzalar üçin täzeden açmaga taýýardygynyň we giňelmek strategiýasyna täze itergi berýändiginiň subutnamasydyr. Syýasy synçylar Çernogoriýanyň reformalar babatda has öňe saýlanandygyny we onuň ýakyn geljekde guramanyň 28-nji agzasy bolmaga uly mümkinçiliginiň bardygyny belleýärler.

# Hytaýyň awtoulag bazaryna täsiri

Hytaý Halk Respublikasynyň paýtagtynda geçirilen «Auto China 2026» halkara awtoulag sergisi dünýäniň ulaggurluşyk senagatynda täze döwrüň başlanandygyny aýdyň görkezdi. 25-nji



aprelden 4-nji maý aralygynda geçirilen bu giň gerimli forum Hytaýyň awtoulag ägirtleriniň global bazarda, aýratyn hem Ýewropa giňişliginde eýeleýän ornunyň barha pugtalanýandygyny görkezdi.

Rekord derejedäki 380 müň inedördül metr meýdany eýelän sergide 1 müň 450-den gowrak awtoulag, şol sanda 181 sany ulag premýerasy görkezildi. Bilermenleriň bellemegine görä, geçirilen barlaglar häzirki wagtda her iki ýewropalydan biriniň indiki ulagyny Hytaý brendlerinden satyn almaga taýýardygyny görkezýär. «BYD», «Chery» we «Geely» ýaly hytaý kompaniýalary diňe bir döwrebap elektroulaglary däl, eýsem, emeli aň bilen enjamlaşdyrylan «akylly» tehnologiýalary hödürläp, dünýäniň adaty öndürijileri bilen bäsleşigi has-da ösdürýär.

Tehnologiýa ägirdi bolan «Xiaomi» ýaly kompaniýalaryň bu bazara işjeň goşulmagy indi awtoulagyň diňe bir gatnaw serişdesi däl-de, eýsem, sanly platforma öwrülendigini tassyklady. Hytaý öndürijileri batareýa we programma üpjünçiligi boýunça bäsdeşlige ukyply nyrhlary hödürlemek bilen, BMW, «Mercedes-Benz» we «Audi» ýaly meşhur brendleriň öňünde täze şertleri goýdular. Hünärmenleriň pikirine görä, geljek on ýyllygyň dowamynda Hytaý brendleriniň Ýewropa bazaryndaky paýy 30 göterimden geçer.

4-nji maýda tamamlanan «Auto China 2026» sergisi dünýäde awtoulag bazarynyň düýpli üýtgeýändigini we Ýewraziýa giňişliginde hytaý tehnologiýalarynyň sanynyň artýandygyny görkezdi.

# Halkara EA-kino festiwaly geçiriler

Gazagystanda 2026-njy ýylyň güýzünde emeli aň (EA) tehnologiýalarynyň ulanylmagy bilen döredilen kinolaryň ilkinji halkara festiwaly – «Astana AI Film Festival» (AAIFF 2026) geçiriler. Bu barada Gazagystanyň paýtagtynda geçirilen metbugat maslahatynda festiwalyň guramaçylary habar berdiler.

Guramaçylaryň sözlerine görä, «AAIFF 2026»-nyň esasy wakasy emeli aňyň kömegi bilen döredilen gysga göwrümli filmleriň halkara bäsleşigi bolar. Oňa ýurduna, iş tejribesine ýa-da professional studiýasynyň bardygyna ýa ýokdugyna garamazdan, dünýäniň ähli künjeginden isleg bildirýänler gatnaşyp bilerler. Festiwalyň guramaçylarynyň biri, Ozen kompaniýasynyň esaslandyryjysy Aýzatulla Husseýin «Astana AI Film Festival» çäresini döredijilik pudagynda her ýyl geçirilýän waka we täze formatlar hem-de zehinler üçin durnukly halkara meýdança öwürmek meýilleri barada gürrüň berdi.

«Brave Talents» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Almas Žaliniň habar bermegine görä, sargytlary kabul etmek işi maý aýynda başlap, awgustyň ahyryna çenli dowam eder. Gatnaşyjylar dowamlylygy 10 minuta çenli bolan gysga göwrümli AI-film döretmeli we ony taslamanyň beýany bilen bilelikde festiwalyň resmi onlaýn platformasyna ýüklemeli.

«AAIFF 2026»-nyň umumy baýrak gory 1 million ABŞ dollaryna deň bolar, bu bolsa




ony öz görnüşindäki iň uly çäreleriň birine öwürýär. Taslama hemaýatkärlik we hyzmatdaşlyk serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylar. Festiwalyň çäklerinde kinofilmleriň görkezilişi, EA-mazmuna (AI-kontent) degişli maslahat, awtorlar hem-de prodýuserler üçin pitç-sessiýalar meýilleşdirilýär.

# Öý haýwanlarynyň goragynda

Ýewropa parlamenti tarapyndan taryhda ilkinji gezek itleri we pişikleri köpeltmek, idetmek hem-de olaryň söwdasyny düzgünleşdirmek baradaky täze kanun taslamasy kabul edildi. 558 deputatyň goldamagynda tassyklanan resminama öý haýwanlarynyň saglygyny goramagy, bikanun söwdanyň öňüni almagy we bu ugurda bitewi düzgünleri ýola goýmagy maksat edinýär. Täze kadalara laýyklykda, Ýewropa Bileleşiginiň çägindäki ähli itler we pişikler hökmany mikroçipler arkaly sanly ulgamda hasaba alynmalydyr.

Täze kanunçylyk haýwanlaryň saglygyna zyýan ýetirýän amallary, aýratyn-da, sergi maksatlary üçin olaryň bedenine zeper ýetirilmegini (gulagyny ýa-da guýrugyny kesmek we ş.m.) düýpli gadagan edýär. Şeýle-de, haýwanlara azar beriji esbaplaryň ulanylmagyna we olaryň sebäpsiz daňlyp saklanmagyna garşy berk çäreler girizilýär. Resminama laýyklykda, daşary ýurtlardan getirilýän haýwanlar hem umumy maglumatlar binýadyna goşulmalydyr.

Bazar dolanyşygy ýyllyk 1,3 milliard ýewro baran bu ulgamda täze düzgünlere geçmek üçin ýörite möhletler bellenil-



di. Seçgiçiler, dellallar we hemaýatkärler üçin 4 ýyllyk geçiş döwri göz öňünde tutulan bolsa, hususy eýeçilik üçin bu möhlet itlerde 10, pişiklerde bolsa 15 ýyla çenli uzaldyldy. Bu özgerişlikler Ýewropa Bileleşiginiň çäginde haýwanlaryň goragyny ýokary derejä çykarmaga gönükdirilendir.

# Owadan kenarýakalar kesgitlenildi

**Halkara syýahatçylyk bilermenleriniň we agentleriniň gatnaşmagynda taýýarlanylan «Dünýäniň iň gowy 50 kenarýakasy» atly täze reýtingde Filippinleriň Palawan adasynda ýerleşýän Entalula kenarýakasy birinji orny eýeledi. Sanawyň ikinji ornuna bolsa, Ýewropanyň iň gözel künjekleriniň biri hasaplanýan Gresiýanyň Fteri kenarýakasy mynasyp görüldi. 2026-njy ýylyň reýtingine Ýewropa yklymyndan jemi 11 sany kenarýaka, şol sanda Ispaniýanyň, Italiýanyň, Portugaliýanyň we Türkiýäniň meşhur dynç alyş zolaklary girmegi başardy. Bilermenler tarapyndan ýörite bahalandyrma ölçegleri esasynda taýýarlanylan bu sanawda Türkiýäniň günorta-günbataryndaky meşhur Kaputaş kenarýakasy 29-njy orunda ýerleşdirildi.**

**Kenarýakalara baha berlende, olaryň tebigy keşbiniň üýtgeşikligi, suwunyň durulygy, daşky gurşawyň asudalygy, ösümlik we haýwanat dünýäsi ýaly şertlere aýratyn üns berildi. Reýtinge giren ýerleriň agramly böleginiň köpçülikleýin syýahatçylykdan başga-da, asyl keşbi saklanyp galan çäklerdigi bellenilýär. Mysal üçin, reýtingde öňe saýlanan Gresiýanyň Fteri we Italiýanyň Kala Deý Gabbiani kenarýakalaryna diňe gaýykly ýa-da çylşyrymly dag ýollary arkaly baryp bolýar. Bu bolsa dynç alşyň ýokary derejesini we tebigat bilen içgin gatnaşygy üpjün edýär. Häzirki wagtda syýahatçylyk pudagynda mawy suwly we arassa çägeli, şeýle-de aşa köp adam barmaýan kenarýakalara gyzyklanma barha artýar.**



# Gül syýahatçylygynyň ugurlary

**Dünýäde «gül syýahatçylygyna» bolan gyzyklanmanyň artmagy we Ýaponiýa hem-de Niderlandlar ýaly ýurtlarda aşa köp syýahatçy akymynyň döremegi netijesinde, 2026-njy ýylda täze ugurlar öňe saýlandy. Klimat çalşygy sebäpli gülüň açylýan möwsümleriniň üýtgemegi syýahatçylary has seýrek we üýtgeşik künjekleri gözlemäge mejbur edýär. Häzirki wagtda Günorta Afrika, Ispaniýa, Hindistan we Täze Zelandiýa ýaly ýurtlar üýtgeşik ösümlik dünýäsi bilen bu ugurda esasy bäsdeşlere öwrüldi.**

**Hususan-da, Günorta Afrikanyň Namakwalend sebitinde awgust-sentýabr aýlarynda 3 müň 500-den gowrak ösümligiň güli açylyp, gurak çöl reňkli sähra öwrülýär. Ispaniýanyň Herte jülgesinde bolsa mart aýynyň ahyrynda millionlarça ülje agajy birwagtda gülleýär we ýapon sakurasyna meňzeş gözelligi emele getirýär. Hindistandaky «Güller jülgesi» milli seýilgähi bolsa Gimalaý daglarynyň ajaýyp tebigaty bilen utgaşyp, syýahatçylara 600-den gowrak seýrek ösümlik dünýäsini hödürleýär. Täze Zelandiýanyň Tekapo kölüniň boýundaky meýdanlar noýabr-dekabr aýlarynda mawy we**



**melewşe reňkli lýupin gülleri bilen bezelýär. Beýik Britaniýanyň Maker batgalyklary bolsa iýun aýynda adaty iňlis oba tebigatynyň iň baý biologik görnüşlerini hödürleýär. Gül syýahatçylygy – täze ugur bolmak bilen diňe bir gözellik däl, eýsem, asuda tebigatda az harajat arkaly göwnejaý gezelenç etmäge mümkinçilik berýär.**




# AK ÇÄGELI DEŇIZ KENARLARY

Hindi ummanynda ýerleşýän Maldiw adalary ak çägeli deňiz kenarlary, mawy deňzi, tropik howasy, onlarça kaşaň dynç alyş ýerleri, şeýle hem deňiz derejesinden beýikde bolmadyk tekiz adalary bilen owadan gözelligi emele getirýär. 298 inedördül kilometr meýdany tutýan Maldiw adalary Günorta Aziýanyň gury ýer meýdany boýunça iň kiçi ýurdy hasaplanýar. Ululy-kiçili 1200 adadan ybarat Maldiw adalarynyň 200-sinde ilat ýaşaýar. Ilaty 540 müň töweregi bolan Maldiw adalarynda 1972-nji ýylda ilkinji dynç alyş merkezi açylýar. Syýahatçylyk pudagynda täze syýahatçylyk mekany hasaplanýan Maldiwlere 50 ýyl bäri syýahatçy barýar. Maldiw adalaryna gaýykly ýa-da uçarly baryp bolýar. Adada restoranlaryň dürli görnüşi bolup, ýerli Aziýa naharlary, Ýewropa tagamlary, deňiz jandarlaryndan taýýarlanan iýmitler, tropik miwelerden içimlikler we



işdäaçarlar taýýarlanylýar. Bulardan başga-da, Maldiw adalaryna baran syýahatçylara «Dört möwsüm» meýilnamasy hödürlenýär. Maldiw adalary tomusda syýahat edilmeli iň ajaýyp ýerleriň biridir. Maldiw adalaryna ýanyň bilen öý jandarlaryny eltmek gadagan edilýär.

Maldiw adalary ak çägeli kenarlary bilen meşhurdyr. Bu ýerdäki ak çägeler deňiz jandarlarynyň galyndylaryndan emele gelipdir. Şol sebäpli ak çägede aşa yssy howada hem aýakýalaňaç gezip bolýar. Maldiwler deňiz derejesi boýunça dünýäniň iň pes döwleti hasaplanýar. Adalaryň iň beýigi suwdan 2,5 metr ýokarda ýerleşýär. Howanyň ýylylygynyň üýtgeýändigine (28-32 dereje aralygynda) garamazdan, adalaryň kenaryndaky deňiz suwy ýylyň dowamynda 24 derejede saklanýar. Ýurduň kenarlary suwasty jandarlara baý bolup, adalaryň kenarynda deňiz jandarlarynyň köp görnüşi ýaşaýar. Deňizde 700-den gowrak görnüşli balyk, leňňeç we suw guşlarynyň birnäçesi bar. Şeýle hem ganatyny açanynda 1,5 metre ýetýän miwe ýarganaty ýaşaýar.

Adanyň esasy dili ýerli maldiw dili bolup, syýahatçylar bilen düşünişmek üçin iňlis dili ulanylýar. Ýurduň merkezi şäheri Male dünýäniň iň kiçi paýtagty we gür ilatly şäherleriniň biridir. Ada döwletiniň pul birligi maldiw rufiýasy bolup, bazarlarda, esasan, ter we kakadylan tropik miweler, deňiz jandarlarynyň gabygyndan ýasalan bezeg şaýlary we balygyň dürli görnüşleri satylýar.



# ŞWEÝSARIÝANYŇ SESSIZ OBASY

Bu obada asfalt düşelen ýol ýa-da awtoulag serişdesi ýok. Alp daglarynyň eteginde gizlenen 1 müň 650 metr belentlikdäki Mürren obasy arassa howasy we sessizligi bilen görenleri haýran galdyrýar. «Ertekiler ýurdy» diýlip atlandyrylýan bu oba barmak üçin awtoulagyňy aşakda jülgede goýmaly. Soňra asma ýol ýa-da otly arkaly dik gaýalaryň eteginde ýerleşýän Mürren obasyna tarap ýola düşmeli. Rahat we sabyrly adamlaryň ýaşaýan ýeri bolan şweýsar obasyna barýan myhmanlar özüni başga bir dünýä düşen ýaly duýýarlar.

Mürreniň taryhy asyrlara uzap gidýär. Bir wagtlar obanyň ýaşaýjylary gerekli harytlaryny alyp gaýtmak üçin birnäçe sagatlap ýöremeli ýa-da haýaljak ýöreýän otla münmeli bolýardylar. Häzirki wagtda döwrebap asma ýoluň işe girizilmegi bilen, gatnaw aralygy ep-esli azaldy. Aýna kabinaly asma ýol 4 minutda oba eltýär. Aýna kabinadan tebigaty we jülgäniň gözelligini synlamak her bir syýahatçyda ýatdan çykmajak duýgulary döredýär.

10,5 inedördül kilometr meýdany tutýan Mürren obasynda durmuş tizlige däl-de, deňagramly we asuda ýaşaýşa esaslanýar. Obada 400-450 töweregi adam ýaşaýar. Oba ýaşaýjylary birek-



birek bilen has ysnyşykly gatnaşýarlar. Dag obasynda köp zerurlyklary kanagatlandyryp bolsa-da, hassahana ýa-da käbir hyzmatlar üçin jülgä düşmeli bolýar. Agaçdan we daşdan gurlan jaýlary, dar köçeleri, kiçijik dükanlary bilen Mürren obasy tebigatdaky iň gowy ýaşaýyş merkezini emele getirýär. Obada peýnir we ýerli tagamlar taýýarlanylýan restoranlar hem bar. Bu ýerdäki XIX asyrda gurlan myhmanhanalar oba barýan syýahatçylarda taryhy ýyllara aýlanmaga mümkinçilik berýär. Mürreniň esasy ýerleriniň biri 1874-nji ýylda gurlan «Hotel Mürren Palace» myhmanhanasydyr.



Golliwudyň ýyldyzy Rita Heýwort ýaly meşhur adamlary kabul eden bu myhmanhana «Şweýsariýanyň ilkinji köşgi» diýlip atlandyrylýar.

Mürren diňe bir owadan oba bolmak bilen çäklenmän, eýsem, möhüm gyşky sport merkezi hasaplanýar. XX asyryň başyndan bäri bu ýerde lyža sporty ösdürilýär we halkara ýaryşlar geçirilýär. Häzirki wagtda obanyň tö-



wereginde birnäçe lyža ýodalary bar. Gyşyna obanyň daş-töweregi gar depeleri bilen örtülýän bolsa, tomsuna bu ýerde tebigat örän başgaça bolýar. Güller bilen örtülen dag ýodalaryndan ýöremek, paraşýutdan bökmek, şaglawuklaryň töwereginde dynç almak we tebigatda gezelenç etmek iň gyzykly güýmenjeler hasaplanýar. Mürren häzirki zaman dünýäsinden uzakdaky asuda tebigatly nusgawy obalaryň biridir.

# Miwäniň özüni iýmek HAS PEÝDALY

Ýakynda geçirilen ylmy barlaglarda miwäniň özüni iýmegiň ýa-da blenderden geçirip, goýy şiresini (smuzi) içmegiň miwe şiresini içmekden has peýdalydygy ýüze çykaryldy. «Frontiers in Nutrition» žurnalynda çap edilen barlaga görä, miwe şiresini aşa köp içýänlerde süýji keseli we holesteriniň ýokarlanmagy ýaly ýagdaýlar has köp duş gelýär. Şire sykylyp taýýarlananda, miwäniň düzümindäki peýdaly maddalar ýitýär, blenderden geçirilende bolsa, maddalar we witaminler saklanyp galýar. Üwelen miwe ýokumly bolup, bedene siňňitliligi ýokarlanýar. Bilermenler miwäni az iýýänlerde we diňe miwe şiresini içýänlerde ruhy bozulmalaryň, ukusyzlygyň hem-de semizligiň has köp ýüze çykýandygyny belleýärler.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) hünärmenleri her gün, azyndan, 400 gram gök önüm we miwe iýmegi maslahat berýärler. Hünärmenler bir günüň dowamynda içilýän miwe şiresiniň mukdarynyň 150 ml-den geçmeli däldigini duýdurýarlar. Şeýle hem iki



we üç görnüşli miwäni bilelikde iýmegiň has peýdalydygyny belleýärler. Miweleri gaýtadan işlenen şire görnüşinde däl-de, özüni iýmek ýa-da üwelen goýy görnüşinde (smuzi) içmek bedeniň goranyş ulgamyna we umumy saglyk ýagdaýyna has oňaýly täsir edýär.

# Tudananyň saglyga peýdasy

Türkmen topragynda ilkinji ýetişýän miwe tudana bolup, adam saglygy üçin örän peýdalydyr. Bu miwäniň düzüminde şeker, uglewod, ýag, protein, A, B, C, E, K witaminleri, kalsiý, demir, magniý, fosfor, kaliý, natriý, sink ýaly mineraldyr maddalar saklanýar. Tuduň 3-5 santimetr uzynlykdaky maýdajyk däneli miwesiniň süýji tagamy we özüne mahsus hoştap ysy bolýar.

Tudana, esasan, terligine iýilýär. Käte bu miwe käbir tagamdyr süýjülikler taýýarlanylanda hem goşulýar. Şeýle hem ondan toşap gaýnadylýar. Uzak wagtlap saklamak üçin bolsa guradylan görnüşde ýygnalyp goýulýar. Guradylan tudana içegäni arassalaýar we ganazlyga garşy



peýdaly serişde bolup hyzmat edýär. Irki döwürlerde halk lukmançylygynda käbir keseliň öňüni almakda we bejermekde tuduň ýapragyndan we miwesinden peýdalanylypdyr. Häzirki wagtda derman senagatynda tuduň ýapragy, miwesi, gabygy we köki dermandyr derini idediji serişdeleri taýýarlamakda ulanylýar.

# Dünýäniň iň howply adasy

Braziliýanyň San-Paulu ştatynda, Itanýaen bilen Peruibi şäherleriniň aralygynda, kenardan 35 kilometr uzaklykda ýerleşýän Keýmada-Grandi adasy barmasy gadagan edilen ýerleriň biri hasaplanýar. Halk arasynda «Ýylan adasy» ady bilen tanalýan bu adada adyndan belli bolşy ýaly, zäherli ýylanlaryň 40-dan gowrak görnüşi ýaşaýar. Dünýäniň iň howply adalarynyň biri bolan Keýmada-Grandi adasynda, takmynan, 430 müň ýylanyň bardygy çaklanylýar. Bu adada dünýäde seýrek duş gelýän we adaty ýylanlardan 12-20 esse güýçli





zäheri bilen tapawutlanýan altynsow naýzabaş ýylan (Bothrops insularis) hem ýaşaýar. Maglumatlara görä, uzynlygy 1 müň 500 we ini 500 metrlik adanyň her gektaryna 45 ýylan düşýär. Balykçylar tarapyndan «Ölüm adasy» diýlip atlandyrylýan bu ýere ýaşaýjylara we syýahatçylara baryp görmek maslahat berilmeýär.

43 gektar meýdany eýeleýän adanyň resmi atlandyrylyşy «Ilha Queimada Grande» bolup, «Beýik ot adasy» diýmegi aňladýar. Irki ýyllarda balykçylar we banan ösdürip ýetişdirmek isleýän ekerançylar bu ada girmek üçin ot ulanypdyrlar. Ot ýakyp adadan ýylanlary kowmaga synanyşypdyrlar. Emma bu başa barmandyr.

Adada ýeke-täk howp diňe ýylanlar däl. Içimlik suwunyň bolmazlygy, dik gaýalar bilen gurşalmagy we Gün şöhlesiniň dik ýokardan düşmegi (örän yssy) adany iň howply ýerleriň birine öwürýär. Adanyň ýokarky bölegini – gaýalaryň



üstüni ýagyş tokaýlary tutýar. Galan bölegini bolsa gurak gaýalar we açyk otly meýdanlar emele getirýär.

**ADA NÄDIP KÖP ÝYLAN GELDI?**

Halk arasynda (braziller) aýdylýan gürrüňlere görä, irki ýyllarda garakçylar altynlaryny bu ada getirip, hazynany goramak üçin köp sanly ýylan goýberipdirler. Emma hakykatda bu başgaça. Takmynan, 11 müň ýyl mundan ozal dörän ada deňiz suwunyň peselmegi bilen tebigy gurşawa öwrülýär. Ilatly nokatdan uzakda ýerleşýän ada müňlerçe ýyllap adamyň barmazlygy ýylanlaryň çalt köpelmegine getiripdir. Hatda bu adada ýylanlara howp salýan ýyrtyjy jandar hem ýok. Altynsow naýzabaş adada iň köp duş gelýän ýylanyň görnüşi bolup, sanynyň 2-4 müň aralygyndadygy çaklanylýar. Endemik süýreniji hasaplanýan altynsow naýzabaş ýylan adanyň ýagyş tokaýlarynda ýaşaýar. Gowy teňňeli sarymtyl ýylanyň esasy iýmiti serçä meňzeş (krapiwnik we eleniýa) kiçijik guşlardyr.



# Bengal gaplaňlary bilen selfi düşmek gadagan edildi

Eger-de tokaý jandarlarynyň arasynda gözellik bäsleşigi geçirilse, gaplaň bu bäsleşigiň ýeňijisi bolardy. Ýyrtyjy jandardygyna garamazdan, gara zolakly (çyzyk) äpet sargylt-goňur pişikler milli seýilgählere we haýwanat baglaryna barýan syýahatçylaryň iň eý görýän jandarlarynyň biri hasaplanýar.



Soňky ýyllarda syýahatçylykda janly-jandarlar bilen ýakyndan selfi düşmek ýörgünli däbe öwrüldi. Ýabany jandarlara has golaý barmak onuň eldekileşdirilendigine garamazdan, howply hasaplanýar. Şol sebäpli Kosta-Rika, Hindistan, Indoneziýa, Birleşen Arap Emirlikleri, ABŞ, Keniýa ýaly ýurtlarda ýabany jandarlar bilen ýakyndan surata düşmeklige gadaganlyk girizildi.

Hindistanda 2025-nji ýylyň noýabr aýynda bengal gaplaňlary bilen selfi we surata düşmek gadagan edildi. Gaplaňlaryň saklanýan goraghanalaryna we milli seýilgählere barýan syýahatçylar mobil telefonly ýa-da fotoapparatly içeri girip bilmeýärler. Munuň esasy sebäbi bolsa, safarilere ulagly gezelenç edilende mobil enjamlaryň ýabany jandarlarda rahatsyzlyk döredip, gaçmaga mejbur bolýandygy we adam saglygyna howp salyp bilýändigi bilen düşündirilýär. Şeýle hem bengal gaplaňlary we ýolbarslar





bir gyra dykylyp, howsalaly ýagdaýa düşýär. Muňa Hindistanda «safari dykylmasy» diýilýär.

Dünýädäki ýabany gaplaňlaryň, takmynan, 70 göteriminiň, 3 müň 600-den gowrak bengal gaplaňynyň ýaşaýan ýeri bolan Hindistanda täze düzgünleriň girizilmegi ýabany tebigaty goramak boýunça netijeli çözgüt diýlip kabul edildi. Hindistanda ýabany tebigaty goramak boýunça çäreler 2010-2022-nji ýyllar aralygynda iki esse artdyryldy. Şeýlelikde, safarilerde we milli seýilgählerde döräp biljek birnäçe hadysalaryň öňi alyndy.

«Nature Safari India»-nyň baş direktory Şarad Kumar Wats: «Jübi telefonlary safari gezelenjine ähli babatda öz täsirini ýetirýär. Biz ýabany jandarlar bilen belli aralygy saklamalydyrys. Sosial media ýazgylarynda ýabany jandarlar barada maglumatlaryň ýaýradylmagy bengal gaplaňlarynyň eldegrilmesizligine howp salýar» diýip belleýär.

Häzirki wagtda dünýäde 4 müň 500 töweregi gaplaňyň bardygy çaklanylýar. Ýyl-ýyldan sany azalýan bu ýyrtyjylar Günorta-Gündogar Aziýada, Hytaýda, Hindistanda, Sumatra adasynda we Russiýanyň käbir sebitinde ýaşaýarlar. Gaplaňyň uzynlygy 3 metre, boýy 1,5 metre we agramy 200-350 kilograma çenli ýetýär. Gaplaňlar iki topara – kontinental we Sunda gaplaňlaryna bölünýär. Gaplaňlaryň jemi 9 görnüşi (Bengal, Amur, Hindihytaý, Malaýziýa, Sumatra, Günorta Hytaý gaplaňy) bolup, olaryň 3 görnüşi (Bali, Ýawa we Hazar gaplaňy) ýitip giden jandar hasaplanýar.

# «Hublot» – geljegiň sagady

Şweýsariýanyň dünýä belli kaşaň sagat öndürijisi «Hublot» täze «Big Bang Reloaded» kolleksiýasyny tanyşdyryp, sungat, saz we sport arkaly döreýän duýgulary öz önümlerinde jemleýär. Kompaniýanyň baş direktory Žülýen Tornaryň belleýşi ýaly, bary-ýogy 45 ýyllyk taryhy bolan brend däp bolan usullardan daşlaşyp, häzirki zaman materiallary we täzeçil dizaýnlary bilen sagat önümçiliginiň bazarynda öz ornuny berkidýär. 1980-nji ýylda döredilen «Hublot» sagady diňe bir ýaşlara däl, eýsem, täzeçillige teşne bolan dürli ýaşdaky müşderilere geljegiň täze sagat görnüşlerini hödürleýär.

Brendiň halkara abraýynyň artmagynda dünýä belli sport ýyldyzlarynyň orny örän uludyr. Ýamaýkaly meşhur ýeňil atletikaçy Huseýn Bolt we portugaliýaly rowaýaty futbolçy Luiş Figu ýaly ýyldyzlar «Hublot»-yň ilçileri hökmünde çykyş edip, wagtyň we tizligiň ähmiýetini öz durmuş tejribeleri arkaly beýan edýärler. Huseýn Bolduň dünýä rekordyny goýan sport aýakgaplaryndan peýdalanyp ýasalan ilkinji «Big Bang» sagady brendiň döredijilik ukybynyň aýdyň mysalydyr. Bu günki gün «Hublot» sportuň we sungatyň ruhuny özünde saklaýan dizaýnlary bilen kaşaňlyk dünýäsinde täze tapgyry açýar.



Otkir Hoşimow, özbek ýazyjysy

HEKAÝA



# TERNAW

Ir bahardy. Dynç alyş günüdi. Giç turdum. Howla çyksam, howa ýaramaz eken. Ýuwnup çykyp seretsem, üçekdäki ternaw bir tarapa gyşaryp ýatyr. Gyşda ýagan garyň agramyndan gyşaran ýaly... Güýçlüräk şemal bolsa düşüp gidäýjek...

Ýodada ýatan merdiwany göterip gelip, tama direýänçäm boljagym boldy: çyg çekip, ýerden göterip bolmaz derejä barypdyr.

Merdiwanyň basgançagyna aýak goýan badyma eýwandan ejem düşüp geldi.

– Näme etjek bolýaň? – diýdi gözlerime bakyp.

– Häzir – diýdim biperwaý garap. – Ternaw gyşarypdyr.

– Howlukma, balam, öňürti çaýyňy iç...

– Häzir barýan.

Şeýle diýdim-de, merdiwana dyrmaşdym. Üçege çykan badyma aşakdan ejemiň howatyrly sesi eşidildi:

– Ägä bol! Üçegiň gyrasyna barma!

– Jaýa girseňizläň! – diýdim gatyrganyp. Şiferlenen üçekde tarkturk ýöräp, gyşaran ternawyň öňüne geldim. Şeýlebir janygýan, al kakmyş ternaw dogurlanaýsa! Zeňläp gidenmi, boýagy ýelmeşip galanmy...

Üstesine ýagyş şybyrdap başlady. Başda damjalap durdy-da, soň güýçli ýagyp ugrady. Üçegiň gyrasynda oturyşyma, ternawy iki elläp süýşürmäge synanyşdym. Butnanok.

Aşakdan ýene ejemiň sesi geldi:

– Maňa seret, oglum!

Merdiwanyň ýanyna dolanyp geldim.

– Näme?

– Jan balam, ine şuny geýäý...

Seretsem, ejem bir eli bilen merdiwany gysymlap, ikinji elinde don saklap dur. Ýuka ýaglygy, ýeňsizi öl bolan...

Gaty gaharym geldi.

– Häzir düşjek diýdim-ä. Men kiçijik çagamy?

– Syrkawlaýaň!

– Ufff! Siz içerik giriberiň. Häzir düşýän!

Şeýle diýip ýene ternawyň ýanyna gaýdyp geldim. Bar güýjüm bilen ternawy ýumruklap başladym.

Bir salymdan aşakdan ýene ses geldi:

– Kaka. Kaka jan!

– Hä! – diýdim beter gaharym gelip.

– Batböregim ýyrtyldy.

Seretsem ýedi ýaşly oglum howlynyň ortasynda dur. Aýagynyň astynda ýyrtylyp, gamyşlary gapyrga dek böwsüp çykan batbörek palçyga garylyp ýatyr. Diňe köýnekçede. Baş geýimsiz. Ýagmyryň astynda endiräp dur.

– Jaýa gir, Farruh! – diýdim gygyryp. – Öýe gir, syrkawlaýaň!

– Diňläýsedi. Kä batböregine, kä maňa seredýär.

Ýüregim ýaryldy. Üçekde taýyp-taýyp, merdiwana tarap ylgadym.

Üç-dört basgançak düşüp seretsem, ejem henizem merdiwanyň aýagyny gysymlap dur. Ýaglygy ölmyžžyk bolup, saçyna ýapyşyp galan... Bir eli merdiwanyň aýagynda, bir elinde don...

*Terjime eden*
**Şirnazar TAGANOW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

# Syýahatda okamak üçin iň oňat kitaplar

2026-njy ýylda edebi syýahata bolan gyzyklanma has-da güýçlenýär. Köp sanly syýahatçylar okaýan kitaplaryna esaslanyp, syýahat meýilnamalaryny düzýärler. Bu meýilnamalar käwagt gahrymanyň geçen ýoluny gaýtalamak, käwagt bolsa täze ugurlar üçin ylham gözlegidir. Nusgawy memuarlardan häzirki zaman edebiýatyna çenli syýahat baradaky kitaplar eýýäm ýol goşlarynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Ine, şu tomus dynç alşyňyzda ýanyňyz bilen alyp biljek, hem çeper, hem dokumental eserleriň iň oňat nusgalary:

**Beýik demir ýol bazary (The Great Railway Bazaar) — Pol Teru.**

Häzirki zaman syýahat edebiýatynyň nusgawy eseri hasaplanýan bu kitap ilkinji gezek 1975-nji ýylda çap edildi. Eser Pol Terunyň Ýewropa we Aziýa boýunça otluda amala aşyran dört aýlyk uzak sapary barada gürrüň berýär. Ýiti synçylygy we täsirli duşuşyklary bilen tapawutlanýan bu kitap yklymlary aşýan iň durnukly eserleriň biridir.

**Patagoniýada (In Patagonia) – Brýus Çatwin.**

Bu ajaýyp eser Brýus Çatwini Argentinanyň we Çiliniň günortasyndaky iň çet künjeklere alyp gidýär. Taryhy maglumatlary, gyzykly hekaýatlary we şahsy oýlanmalary özünde jemleýän kitap, uzak aralyklar we Watan duýgusy baradaky iň täsirli eserleriň biridir.

**Iý, doga et, söý (Eat, Pray, Love) — Elizabet Gilbert.**

Elizabet Gilbertiň 2006-njy ýylda çap edilen bu ýatlamalary ruhy çökgünliklerden soňra Italiýa, Hindistana we Indoneziýa amala aşyran syýahatyny beýan edýär. Tagamlar, ruhy dünýä we öz-özüňi tanamak meselesi eseriň süňňüni düzýär. Bu kitap häzirki zaman syýahat ýatlamalarynyň iň köp okalýanlarynyň birine we baş keşbi Juliýa Roberts tarapyndan janlandyrylan meşhur filmiň esasyna öwrüldi.

**Prowansda bir ýyl (A Year in Provence) — Piter Meýl.**

Bu ýeňil we degişme äheňli kitabyň wakalary Fransiýanyň günortasynda bolup geçýär we Piter Meýliň Prowansa göçüp barşyny beýan edýär. Bu ýerde aşhana, tebigy gözellikler we gündelik durmuş biri-birine utgaşyp, fransuz obasynyň mähirli keşbini döredýär. Kitap tomusda okamak üçin iň amatly saýlawdyr.

**Ýabany (Wild) — Şeril Streýd.**

Şeril Streýd birnäçe şahsy ýitgilerden we kynçylyklardan soňra, Ýuwaş umman geriş ýoly (Pacific Crest Trail) boýunça ýeke özüniň amala aşyran uzak ýörişini ýatlaýar. Kitap fiziki kynçylyklaryň adamyň ruhy dünýäsini nähili bejerip bilýändigi baradaky iň güýçli häzirki zaman eserleriniň biridir.

**Ýabany tebigata (Into the Wild) — Jon Krakauer.**

Hakyky bolan waka esaslanan bu kitap adaty durmuşdan ýüz öwrüp, Alýaskanyň ýabany tebigatyna ýola düşen Kristofer Makkendless barada gürrüň berýär. Bu azatlyk, töwekgelçilik we adaty durmuşdan uzaklaşmak islegi baradaky hekaýa bolup, ol ýoluň özüne çekiji güýji hakyndaky häzirki zamanyň iň möhüm eserleriniň birine öwrüldi.

**Kenarýaka (The Beach) — Aleks Garland.**

Romandaky wakalar Tailandda bolup geçýär we gizlin, jenneti adany gözleýän goştorbaly syýahatçynyň yzy bilen sapara alyp gid-



ýär. Kitap «oflaýn» syýahatlaryň täsirini ussatlyk bilen beýan edýär we şol bir wagtyň özünde olaryň garaňky taraplaryny – hakykatdan gaçmakdan başlap, özbaşdaklygyň hem-de hyýallaryň çäksizdigi baradaky düşünjelere çenli açyp görkezýär.

**Wagabonding (Vagabonding) – Rolf Potts.**

Syýahat gollanmasy we pelsepewi tezkire bolan bu kitap, uzak möhletleýin syýahatlaryň puluň mukdaryna däl-de, eýsem, ileri tutulýan gymmatlyklara we durmuş garaýyşlaryna baglydygyny subut edýär. Ol has erkin we has uzak syýahat etmegi arzuw edýänler üçin häzirki wagtda-da iň täsirli kitaplaryň biri bolmagynda galýar.

**Alhimik (The Alchemist) — Paulo Koelo.**

Bu bestseller hazyna gözleginde Ispaniýadan Müsüre ýola düşen ýaş çopan barada gürrüň berýär. Bu syýahat bir wagtyň özünde hem fiziki, hem-de simwoliki häsiýete eýedir. Şonuň üçin kitap syýahatçy-okyjylaryň kalbynda heniz hem uly seslenme tapýar.

**Şantaram (Shantaram) — Gregori Dewid Roberts.**

Wakalary, esasan, Mumbaýda bolup geçýän bu giň gerimli roman, Hindistanda täze durmuş gurmaga synanyşýan ýigidiň ykbaly barada gürrüň berýär. Eseriň baý, janly we özüne çekiji dili okyjyda wakalaryň hut içinde ýaly duýgyny döredýär. Şonuň üçin hem bu kitap baran ýeriniň hal-howasyna doly aralaşmagy halaýanlaryň söýgüli eseridir.

**Gülşirin AGAÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň 2-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# Paýhaslar

☑ Dünýädäki iň uly güýç asudalykdyr. Suw asuda bolsa, ähli zady aýdyň görkezer; adam asuda bolsa, ähli meseläniň çözgüdini tapar.

☑ Iň uly zehin – adamlaryň arasyndaky tapawutlylyklardan sazlaşyk döredip bilmekdir.

*Lao-Szy.*

☑ Iň gowy ynsan adamlara özleriniň iň gowy taraplaryny görmäge kömek edýän adamdyr.

☑ Agzybirlik bar ýerinde üstünlik hem bar.

☑ Bitewülik bar ýerinde elmydama ýeňiş bardyr.

*Publiliý Sir.*

☑ Dünýädäki iň uly rehimdarlyk – adamlary diňläp bilmek we olara özlerini rahat duýmaga mümkinçilik bermekdir.

*Karl Rojers.*

☑ Sabyr we wagt meniň iň güýçli iki esgerimdir.

*Lew Tolstoý.*

☑ Sabyr – garaşmak däl-de, garaşýan wagtyňda özüňi nähili alyp barýanlygyňdyr.

*Žan-Žak Russo.*

☑ Suw dünýädäki iň ýumşak zatdyr, ýöne ol iň gaty gaýalary hem deşip bilýär.

☑ Parahatçylyk güýç bilen saklanmaýar, oňa diňe özara düşünişmek we ylalaşyk arkaly ýetilýär.

*Albert Eýnşteýn.*

☑ Gepleşik geçirmek – bu diňe bir garşydaşyňa näme isleýändigiňi aýtmak däl, eýsem, onuň näme isleýändigini diňläp bilmekdir.

*Genri Kissinjer.*

☑ Iň gowy ylalaşyk iki tarapyň hem özüni bir zat ýitiren ýaly duýup, şol bir wagtyň özünde ikisiniň hem kanagatlanan ýagdaýydyr.

*Klod Klotwil.*

☑ Seniň dogry ýaşaýandygyňa özüň ynanmaly. Eger sen hemmeleri ynandyrmaga çalyşsaň, özüň bolup däl-de, olaryň isleýşiçe ýaşap başlarsyň.

*Mark Awreliý.*

☑ Iň uly ýeňiş – duşmanyňy ýok etmek däl, eýsem, ony özüňe dost edip bilmekdir.

*Awraam Linkoln.*

☑ Goý, sizi arkadan kynçylyklar iteklemesin, eýsem, öňe arzuwlar alyp gitsin!

*Duglas Ewerett.*

☑ Seniň daşky keşbiňi hemme kişi görýändir, ýöne hakyky aslyňy diňe barmak basyp sanaýmaly adam biler. Şol azlyk hem köpçüligiň ykrar eden pikiriniň öňünde sesini çykaryp bilmez.

*Nikkolo Makiawelli.*

☑ Meniň wezipäm – adamlaryň arasyndaky tapawutlary gözlemek däl, eýsem, bizi birleşdirýän umumylygy tapmakdyr.

*Albert Şweýser.*

# Edebiýatyň täze žanry: klimat fantastikasy

Dünýä edebiýaty her döwrüň gorkularyny we umytlaryny özünde jemleýär. Geçen asyrda ylmy-fantastika älem giňişligine we robotlara gönügen bolsa, häzirki wagtda «Cli-Fi» (Climate Fiction — klimat fantastikasy) diýlip atlandyrylýan täze žanr barha meşhurlyk gazanýar. Bu edebi ugruň esasynda tebigatyň üýtgemeginiň ynsan ykbalyna ýetirýän täsirleri ýatyr. Emma bu eserler diňe bir tebigy sarsgynlar we global çökgünlikler baradaky hekaýalar däl-de, eýsem, adamzadyň daşky gurşaw bilen gatnaşygyny, ekologik jogapkärçiligini we geljege bolan garaýşyny seljerýän çuňňur pelsepewi eserlerdir.



Klimat fantastikasynda köplenç global maýlama, suw joşmalary we gurakçylyk ýaly meseleler çeper dilde beýan edilýär. Žanryň esasy aýratynlygy okyjynyň ekologik aňyny oýarmakdan ybaratdyr. Ýazyjylar täsirli wakalar arkaly: «Eger biz şu gün uly üýtgeşmeler etmesek, ertirki günümiz nähili bolar?» diýen soragy orta atýarlar. Şeýlelikde, edebiýat diňe bir güýmenje däl, eýsem, bütindünýä ekologiýa meselesine özboluşly çagyryş hökmünde çykyş edýär. Margaret Atwud we Kim Stenli Robinson ýaly dünýä belli ýazyjylar bu ugruň başynda durup, biziň tebigat bilen nähili sazlaşykda ýaşamalydygymyzy düşündirýän iň derwaýys edebiýata öwrülýär.

Bu žanryň eserleri diňe bir ýazyjylaryň hyýaly däl, eýsem, ylmy maglumatlara we çaklamalara esaslanýandygy bilen tapawutlanýar. Köp halatlarda «Cli-Fi» awtorlary klimatolog alymlar bilen hyzmatdaşlyk edip, dünýäniň geljekki keşbi baradaky ylmy modelleri edebiýata geçirýärler. Şeýlelikde, okyjy kitaby okanda diňe bir wakanyň yzyna düşmän, eýsem, buzluklaryň eremegi, suw serhetleriniň üýtgemegi we täze tebigy şertlerde ynsan ahlagynyň nähili synaljakdygy barada maglumatlary hem özleşdirýär. Bu bolsa edebiýaty ylym bilen birleşdirip, adamyň tebigata bolan garaýşyny düýpgöter täzelemäge we ony gorap saklamaga gönükdirilen iň täsirli gurala öwürýär.

**Ziýapat HIMMETOWA,**
*Lebap welaýatynyň Döwletli etrabynyň Kerkiçi şäherçesindäki 28-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# KINO
## MAHABATYNYŇ USSADY

**Kinematografiýa sungatyň şekilleriň we sesiň hereketini döredýän görnüşidir. Şoňa görä kinofilmler adamzadyň durmuş tejribesine özboluşly täsir ýetirýän sungatyň okgunly ösýän möhüm ugruna öwrüldi. Olaryň mahabatyny köpçülige ýaýratmakda plakatlar möhüm wezipäni ýerine ýetirýär. Plakat çap grafika sungatynyň aýratyn görnüşidir. «Plakat» sözi fransuz dilinden terjime edilende, bildiriş, afişa diýen manyny berse, latyn dilinden bolsa şahadatnama diýip terjime edilýär. Plakat ýerine ýetiriliş usuly boýunça birnäçe görnüşlere bölünýär. Olaryň biri hem poster diýip atlandyrylýar. Oňa başgaça kinoplakat hem diýilýär. Ol kinofilmleriň mazmunyny, ýordumyny, gutarnykly manysyny, özbaşdaklygyny görkezýän suratly we bezegli mahabatdyr. Şonuň esasynda olar kinofilmleriň «ýüzüne» öwrülip, ilkinji täsiri döredip, köpçüligiň ünsüni çekýär.**




**Kinematografiýanyň taryhyna giren posterleriň aglabasy tanymal sungat ussady Drýu Struzan tarapyndan döredilipdir. Onuň eserleri kinematografiýanyň tutuş bir eýýamyny emele getirýär. «Indiana Jons», «Rembo», «Ýyldyzlaryň söweşi», «Päkiniň üstünde ylgaýan ynsan», «Geljege tarap yza», «Ýura döwrüniň seýilgähi», «Hellboý», «Ýüzükleriň hökümdary», «Garri Potter» ýaly köp sanly meşhur kinofranşizalaryň posterleri hut D.Struzanyň galamyndan döredi. Bu işleriň ählisini awtor garyşyk usulda öz eli bilen ýerine ýetirdi. Ol, ilki bilen, galamda şekil çekip, soňra akril reňkleri bilen reňkleýär. Kiçiräk bölekler ýa-da akgynly geçitler üçin ahyrynda reňkli galamlary hem ulanýar. Sanly tehnologiýa esasynda ýerine ýetirilen posterlerden tapawutlylykda, Struzanyň işleri reňk çözgüdi bilen tapawutlanýar. Ol kinofilmiň esasy mowzuk äheňi bilen baş gahrymanlary bir taslamada jemläp, doly derejeli sungat eserini döretmegi başarýar. Awtoryň ýiti zehini onuň gysga möhletde döreden ajaýyp sungat nusgalary boýunça giň meşhurlyga eýe boldy. Olaryň esasy çeper aýratynlyklary: dogry taslama gurluşy, baý reňk sazlaşygy we jikme-jik işlenilişi. Bu eserleriň ählisi biziň döwrümizde gülläp ösýän giperrealizm akymyna degişli bolup, edil fotosurat ýaly, häzirki zamanyň işjeň sungatyny şöhlelendirýär. Çünki suratkeş gahrymanlaryň gylyk-häsiýetine we garaýyşlaryna aýratyn üns berip, olaryň keşbini ynandyryjylykly we maksadalaýyk açyp görkezmegiň hötdesinden gelýär. Şeýle-de, suratkeş haşam bezeg hökmünde umumy mazmuny we hereketi nygtaýan ýagty şriftlerden peýdalanýar. Bularyň ählisi tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekip, olaryň kalbynda we aňynda orun alýar.**

**Drýu Struzanyň döredijiligi Golliwudyň taryhynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Onuň galamyndan we tebigy zehininden kemal tapan her bir eser bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyga öwrüldi. Ussadyň döreden posterleri häli-häzire çenli kino muşdaklarynyň hakydasyndan çykmaýar.**

**Selim RASULOW,**
**žurnalist.**

# SUNGATYŇ AŞYGY

Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde 2024-nji ýylda ýaş zehin Maksat Gylyjowyň režissýorlyk etmeginde surata düşürilip, mawy ekran arkaly halk köpçüligine hödürlenen «Kompozitor» atly çeper film okyjylaryň ýadynda bolsa gerek. Bu film paýtagtymyzyň kinokonsert merkezlerinde hem ençeme ýola görkezilip, kino muşdaklarymyzyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolupdy.

Şonuň ýaly-da, şol ýyl bu film paýtagtymyz Aşgabat şäherinde geçirilen «Gorkut ata» kino festiwalyna gatnaşyp, emin agzalary tarapyndan baýrakly orna eýe bolup, ýeňiji diýlip yglan edildi. Tanymal aktrisa Selbi Babylowanyň «Kompozitor» atly çeper filmde enäniň keşbini ynandyryjy edip döredişini synlanyňda, onuň ussat aktrisadygyna göz ýetirmek bolýar. Ýakynda Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň artisti, Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly adyň eýesi Selbi Babylowanyň durmuş we döredijilik ýoly bilen gyzyklanyp, okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildim.

Onda artist bolmak höwesi mekdep döwründen başlanypdyr. Ir döwürler «Türkmenfilm» kinostudiýasynda surata düşürilip, teleýaýlym arkaly şu günlere çenli halk köpçüligine ýetirilip gelýän «Mukamyň syry» atly çeper filme, ýagny aýal bagşynyň keşbini Türkmenistanyň halk artisti Ýelizaweta Garaýewanyň ussatlarça janlandyryşy Selbini özüne maýyl edipdir. Şonuň ýaly-da ýazyjy Berdi Kerbabaýewyň edebi eseri esasynda Alty Garlyýewiň surata düşüren «Aýgytly ädim» filminiň baş gahrymany Aýna atly gyzyň keşbini janlandyran Žanna Smelýanskaýanyň türkmen gyzynyň keşbini janlandyryşyna maýyl bolup, özüniňem şolar ýaly artist bolasy gelipdir. Şol halypalaryň çykyşlaryna tomaşa edeninden soň ony sungata bolan höwesi öz erkine goýmaýar.

Selbi 2000-nji ýylda Mary şäherindäki 6-njy orta mekdebi üstünlikli tamamlap, şol ýyl hem Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetiniň drama we kino artisti bölümine okuwa girýär. Institutda Selbiň okaýan toparyna aktýoryň ussatlygy sapagyndan köpleriň halypasy, Türkmenistanyň halk artisti Annamyrat Berdiýew tälim beripdir. Ozal hem gursagynda sungata, artistçilige bolan höwesi möwç urup duran gyza bu okuw gaty bir kyn hem düşmändir. Ol Annamyrat halypadan aktýor ussatlygynyň inçe tilsimlerini öwrenip başlaýar.

Annamyrat mugallym öz talyplary bilen «Ýusup-Züleýha» dessany boýunça spektakl sahnalaşdyryp, Selbä hatynyň keşbini ynanýar. Şol keşbi janlandyranyndan soň Selbi mekdep döwründe arzuw eden kärine ýetendigine göz ýetirýär. 2004-nji ýylda institutyny tapawutlanan bahalar bilen tamamlan Selbi Babylowany şol wagtky Mollanepes adyndaky türkmen döwlet akademiki drama teatryna işe ýollaýarlar. Bu teatryň sahnasynda Selbä ýaş artist hökmünde «Serpaý» atly sahna oýnunda Gyzsoňynyň keşbini janlandyrmak miýesser edýär. Şunlukda, teatrda ýene-de bir ýaş zehinli artistiň peýda bolandygy aýan bolýar. Gyzsoňynyň keşbini janlandyryşy barada Selbi Babylowa žurnalistleriň biri bilen söhbet edeninde şeýle diýipdir:



– Elbetde, tolgunýardym. Sebäbi uly teatryň sahnasynda atlary belli, halypa, ussat artistler bilen çykyş etmek bir tarapdan elýetmez bagtdy, beýleki tarapdan bolsa, ullakan mekdepdi.

Şol keşpden soň teatryň režissýorlary Selbä keşp yzyna keşp tabşyryp başlaýarlar. Onuň keşp janlandyran spektakllary bolan «Ýar, gara gözleriň bendiwany men», «Aşyklyk», «Seniň wepaň üçin», «Täsin söýgi», «Döwlet guşy», «Gelinleriň gozgalaňy», «Zor aýakdan tebip bolan», «Iki aganyň hyzmatkäri», «Bagt kenary» halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşy alyndy. 2024-nji ýylda teatryň döredijilik topary dramaturg Gowşutgeldi Daňatarowyň eseri esasynda «Abyl-Kabyl» atly spektakly sahnalaşdyrýar. Spektaklyň režissýory, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Eziz Işangulyýew Selbä entek talypka «Ýönekeý gyz» atly film sebäp bolýar. Şol filmdäki esasy keşpleriň birine synpdaşlarynyň içinden Selbini saýlap alýarlar. Halypa kinorežissýor Muhammet Söýünhanow «Ajaýyp» filmini surata düşürjek bolanda, filmiň baş gahrymany Gülöwseriň keşbini Selbä ynanýar. Gülöwser sada, edep-ekramly, söýgüsine wepaly gyz. Şol keşbi janlandyrandan soň Selbi durmuşda köp zada göz ýetiripdir. Şonuň ýaly-da Selbä «Kasam edýäris», «Mertebe», «Gyzamyk», «Serpaý», «Söwer ýardan aýrylma», «Perzent», «Ömür kerweni» atly köp bölümli filmlerde häsiýeti boýunça biri-birine meňzemeýän keşpleri ynandyryjy edip janlandyryp, tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolmak başardýar. Ir döwürler žurnalistleriň biriniň «Sahnada keşp janlandyrmak ýeňil düşýärmi ýa-da kinoda» diýip beren soragyna Selbi: «Teatryň sahnasynda spektakl bir başlanyňdan tä soňuna çenli durman gidýär. Saý-sebäp bilen ýalňyşaýsaňam dowamyny kesmeli däl, şol ýerini soň, indiki gezekde düzedip bolýar. Sahnada saňa päsgel berýän ýok, öz eliň – öz ýakaň. Kinoda welin başgaça, kameranyň öňünde ýüz-keşbiň, gözüň, bakyşyň bilen keşp döretmeli bolýar. Onsoňam teatrdan aýratynlygy, kinoda döreden keşbiň ömürlik galýar. Artist üçin kino hem gyzykly, emma men sahnada her gezek özümi täzeden dünýä inen ýaly duýýaryn. Men sahnasyz durmuşy göz öňüne hem getirip bilemok» diýip jogap beripdir.

Selbi Babylo-wanyň bagtly maşgalasy bar. Ol dört perzendi dünýä inderip, ösdürip kemala getiren zenan. Onuň Ahmet atly ogly









Abyl we Kabylyň ejesi How enäniň keşbini ynanýar. Selbiniň çagalaryna janypkeş enäniň keşbini ýerine ýetirişini synlap, tolgunanyňy duýman galýarsyň. Bu bolsa artistiň keşbi ynandyryjy edip, bütin süňňi bilen janlandyrmagy başarýanlygyndan habar berýär. Selbi Babylowa kino sungatyna-da öz goşandyny goşup gelýär. Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde 2013-nji ýylda dramaturg Baýram Abdyllaýewiň edebi eseri boýunça Türkmenistanyň at gazanan artisti, aktýor hem režissýor Şirli Mollaýewiň surata düşüren «Gumly gelin» atly çeper filmi okyjylaryň ýadynda bolsa gerek. Bu film teleýaýlymlarda häli-häzir hem görkezilip gelinýär. «Gumly gelin» filmi Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň baýragyna mynasyp boldy. Bu film Hytaý Halk Respublikasynda geçirilen gysga göwrümli çeper filmleriň festiwalyna gatnaşyp, festiwalyň baýragyna hem-de diplomyna eýe boldy. Selbi Babylowa bu çeper filmde gumly gelniň keşbini ynandyryjy ýerine ýetiripdir. Kino muşdaklarymyz Selbi Babylowany ir döwürler halypa kinorežissýor Muhammet Söýünhanowyň surata düşüren «Ajaýyp» atly çeper filmdäki Gülöwser atly gyzyň keşbi bilen hem tanaýan bolsalar gerek. Aslynda, Selbiniň kino sungatyna gelmegine sungata ýykgyn edýär. Selbi Babylowanyň ýanýoldaşy sungat işgäri bolmasa-da, sungata sarpa goýýan ynsan. Ol öz ýanýoldaşynyň kärini goldap, hormat goýup, özüniň kömegini berip durýar. Selbi Babylowanyň teatr hem kino sungatynda bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, geçen ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda oňa Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly at dakylýar. Arzuw eden käri hasyl bolan teatr hem kino artisti ata Watanymyza, agzybir maşgalasyna, kärine guwanyp ýaşaýar hem halkymyza medeniýetli hyzmat edip gelýär. Ol ýürek buýsanjyny şeýle beýan etdi:

– Pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza medeniýet, sungat, döredijilik işgärlerine goýýan sarpalary üçin çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleri rowaçlyklara beslensin.

**Döwletmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň magistranty.*

# FINALDA «ARSENAL» BILEN PSŽ DUŞUŞAR

Mundan 1 hepde öň Parižde oýnalan we PSŽ-niň 5-4 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlanan taryhy duşuşygyň jogap oýny Germaniýanyň «Bawariýa» toparynyň meýdançasynda geçirildi. Edil şol oýun ýaly köp golly geçmese-de, çekeleşikli bolan oýunda



ýeňiş gazanan bolmady. Eýýäm oýnuň 3-nji minutynda Kwarasheliýanyň ajaýyp pasy bilen «Altyn top» baýragynyň häzirki eýesi Usman Dembele hasaby açdy. Bu gol duşuşygyň ykbalyny kesgitläp, toparlaryň döreden amatly pursatlarynda derwezeçiler erjellik görkezdi. Esasan hem, 1-nji oýnuň tersine, «Bawariýanyň» derwezeçisi Manuel Noýer birnäçe howply pursatlary sowmagy başardy. Ýer eýeleri Dembeleniň oýnuň başyndaky goluna duşuşygyň soňky minutlarynda jogap berdi. Oýnuň 90+4-nji minutyndaky Harri Keýniň goly «Bawariýa» ýeterlik bolmady. Şunlukda, duşuşyk deňlikde tamamlanyp, umumy hasapda 6-5 öňe saýlanan parižliler çempionlygyny goramaga mümkinçilik gazandy. PSŽ topary bassyr 2-nji gezek finala çykan ilkinji fransuz, umumylykda 12-nji topar hökmünde hasaba alyndy.

PSŽ topary taryhynda 2020-nji we 2025-nji ýyllardan soň 3-nji gezek finala adyny ýazdyrdy. «Arsenal» bilen PSŽ-niň arasyndaky final duşuşygy 30-njy maýda Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puşkaş Arena»-da oýnalar.

**«Arsenal» 20 ýyldan soň 2-nji gezek finalda oýnar**

UEFA Çempionlar Ligasynda 2025/26 möwsüminiň ilkinji finalçysy belli boldy. Angliýanyň «Arsenal» topary jogap duşuşygynda Londonda «Atletiko Madrid» toparyny 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Madriddäki oýunda ýeňiş gazanan bolmandy (1-1). Topçulary finala çykaran ýeke-täk goly 45-nji minutda Bukaýo Saka geçirdi. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda hasap üýtgemedi we «Arsenal» 20 ýyldan soň, taryhynda 2-nji gezek finala adyny ýazdyrdy. «Arsenal» mundan öň 2006-njy ýylda finala çykyp, «Barselonadan» 2-1 hasabynda asgyn gelipdi.

«Arsenal» topary şu möwsümde Çempionlar Ligasynyň çäginde 14-nji duşuşygynda-da



ýeňilmedi. «Arsenal» toparynyň 1-nji we 2-nji finalynyň arasynda 20 ýyl bolup, bu görkeziji boýunça 4-nji ýeri eýeledi. 2 finalynyň arasy iň uzak ýyl bolan toparlar, degişlilikde: «Atletiko Madrid» (40 ýyl), «Mançester Ýunaýted» (31 ýyl) we «Barselona» (25 ýyl).

Iňlis klublary 27-nji gezek finala çykyp, bu ugurda ispanlardan (31) hem-de italýanlardan (30) soň 3-nji ýeri eýeleýärler.

# 128 ÝYLLYK TARYHYNDA ILKINJI ÇEMPIONLYGYNY BAÝRAM ETDI

Şweýsariýanyň çempionaty «Swiss Super League»-de çempion belli boldy. 35-nji tapgyryň çäginde sanawyň lideri «Tun» topary myhmançylykda «Bazelden» 3-1 hasabynda asgyn geldi. Ýöne 2-nji basgançakda barýan «Sankt-Gallen» topary-da öz meýdançasynda «Siondan» 3-0 hasabynda utuldy. «Sankt-Gallen» toparynyň utulmagyndan soň, «Tun» topary möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, çempionlygyny yglan etdi. Bu ýeňiş «Tun» klubunyň 129-njy möwsümi dowam edýän çempionatda 128 ýyllyk taryhynda ilkinji çempionlygy hökmünde hasaba alyndy. 1898-nji ýylyň 1-nji maýynda esaslandyrylan «Tun» toparynyň mundan öňki iň uly başarnygy 2004/05 möwsüminde gazanylan ikinjilikdir. Tun şäheriniň adybir topary 5 ýyllyk arakesmeden soň, ýokary liga çykan möwsümi taryhy çempionlyga eýe boldy. «Tun» topary Şweýsariýanyň çempionatynda çempionlyk gazanan 20-nji klub hökmünde bellenildi. «Tun» toparynyň çempion bolan möwsüminde ýurduň iň köp çempionlyk gazanan kluby «Grasshopper» topary bolsa ligada galmak üçin ýiti göreş alyp barýar.





# ÝARYM FINALYŇ 1-nji OÝUNLARY

UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Iňlis derbisinde «Nottingam Forest» öz meýdançasynda «Aston Willa» toparyny 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 71-nji minutda jerime urgusy bilen Kris Wud öz adyna ýazdyrdy.

Portugaliýada bolsa «Braga» topary bilen Germaniýanyň «Fraýburg» kluby duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda portugal kluby 2-1 hasabynda üstün çykdy. «Braga» topary Demir Ege Tyknazyň 8-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. Bu goldan 8 minut soň, ýagny 16-njy minutda Winçenzo Grifonyň goly bilen hasap deňlendi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren goly 90+2-nji minutda Mario Dorgoles öz adyna ýazdyrdy.

UEFA Konferensiýa Ligasynda ýarym finalyň 1-nji oýunlarynda çempionlygyň iň esasy fawority Ukrainanyň «Şahtýor Donesk» topary Krakow şäherinde Angliýanyň «Kristal Palas» topary bilen duşuşdy. Duşuşygyň eýýäm 21-nji sekundynda Ismaila Sarr iňlis toparyny öňe geçirdi. Bu gol ýaryşyň taryhyndaky iň çalt gol bolup, ozalky rekord 32 sekunt bilen «Rapid» (Awstriýa) toparynyň oýunçysy Ferdi Druife degişlidi. 2-nji ýarymyň başynda donesklilerOleg Oçeretkonyň goly bilen hasaby deňlese-de, 58-nji minutda Daiçi Kamadanyň goly esasynda londonlylar ýene öňe geçdiler. 84-nji minutda Ýorgen Strand Larsen tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy. 3-1 hasabynda myhmançylykda ýeňiş gazanan «Kristal Palas» topary finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda «Raýo Wallekano» öz meýdançasynda Fransiýanyň «Strasbur» toparyny braziliýaly oýunçysy Alemaonyň 54-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda utdy.




**Hepdäniň esasy duşuşyklary**

| | |
|---|---|
| **8-nji maý (anna)** | |
| Borussiýa D – Aýntraht (23:30) | |
| Lans – Nant (23:45) | |
| **9-njy maý (şenbe)** | |
| **Liwerpul – Çelsi (16:30)** | |
| Ştutgart – Baýer (18:30) | |
| **Sanderland – M. Ýunaýted (19:00)** | |
| **Lasio – Inter (21:00)** | |
| **Man. Siti – Brentford (21:30)** | |
| **Wolsfburg – Bawariýa (21:30)** | |
| Atletiko – Selta (21:30) | |
| Galatasaraý – Antalýaspor (22:00) | |
| Beşiktaş – Trabzonspor (22:00) | |
| Leçce – Ýuwentus (23:45) | |
| R. Sosiedad – Betis (00:00) | |
| **10-njy maý (ýekşenbe)** | |
| **Seltik – Reýnjers (16:00)** | |
| Zenit – Soçi (17:00) | |
| Feýenoord – AZ Alkmaar (19:45) | |
| **West Ham – Arsenal (20:30)** | |
| Lokomotiw – Baltika (21:30) | |
| Milan – Atalanta (23:45) | |
| **Barselona – Real Madrid (00:00)** | |
| Monako – Lill (00:00) | |
| PSŽ – Brest (00:00) | |
| **11-nji maý (duşenbe)** | |
| Dinamo – Krasnodar (22:00) | |
| Napoli – Bolonýa (23:45) | |
| **Tottenham – Lids (00:00)** | |
| **13-nji maý (çarşenbe)** | |
| Man. Siti – K. Palas (00:00) | |
| **Lans – PSŽ (00:00)** | |

# MOURINIONYŇ TOPARY ÝEKE OÝUNDA-DA ÝEŇILMEDI, ÝÖNE GARŞYDAŞY ÇEMPION BOLDY



Portugaliýanyň çempionaty «Primeira Ligada» çempion möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda belli boldy. 32-nji tapgyrda «Alwerka» toparyny Ýan Bednaregiň 40-njy minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňen «Porto» utugyny 85-e ýetirdi we 2-nji ýerdäki «Benfikadan» 9 utuk öňe saýlandy. Şeýlelikde, «Porto» topary 3 möwsümlik arakesmeden soň 31-nji çempionlygyny baýram etdi. «Porto» toparynyň 37 ýaşyndaky italiýaly tälimçisi Françesko Farioli karýerasyndaky ilkinji çempionlygyny gazandy. Ol geçen möwsümde «Aýaksda» öňde barýarka soňky 2 tapgyrda çempionlygy PSW toparyna aldyrypdy.

32 oýnuň 22-sinde ýeňiş gazanyp, 10-synda deňme-deň oýnan Žoze Mourinionyň tälimçiligindäki «Benfika» toparyna ýeke duşuşykda ýeňilmese-de, çempionlyk gazanmak başartmady. Portugaliýanyň çempionatynda «Benfikanyň» 38, «Portonyň» 31, soňky 2 ýylyň çempiony «Sportingiň» 21 çempionlygy bar.

# 14 ýyldan soň çempion üýtgedi, paýtagtlylar yklym rekordyna rugsat bermedi

**Bolgariýanyň çempionaty «Parva Ligada» 14 ýyldan soň çempion üýtgedi. Çempionatda «Ludogores Razgrad» topary 2011/12 möwsüminden bäri çempionlygy özünde saklap gelýärdi. Möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, paýtagt Sofiýanyň «Lewski» topary çempionlygyny yglan etdi. 2-nji ýerdäki «SSKA 1948» toparyny 1-0 hasabynda utup, garşydaşyndan 14 utuk öňe saýlanan «Lewski Sofiýa» 17 ýyldan soň çempion bolmagy başardy. Bu olaryň 27-nji çempionlygy bolup, paýtagtlylar soňky gezek 2008/09 möwsüminde ýeňiş gazanypdylar.**

**Bassyr 14 gezek çempionlyk gazanan «Ludogores» topary şu möwsümde-de şol başarnygyny gaýtalap bilsedi, onda olar yklymyň rekordynyň ýeke-täk eýesi bolardy. Häzirki wagtda «Ludogores» topary yzly-yzyna çempionlyk gazanmakda 14 çempionlyk bilen Ýewropanyň rekordyny Latwiýanyň «Skonto» hem-de Gibraltaryň «Linkoln Red Imps» toparlary bilen paýlaşýar.**




## 16-njy SKANWORD



1

Soraglar: Santehniki enjamlary öndürýän şweýsar kompaniýasy; Bir zat sebäpli ýa-da bir zat ugrunda gurban bolmaklyk; Himiki element; Russiýada bir derýa; Iýmiti iýmek üçin ýasalan gural; Gadymy grek aýdymçysy; Daşary ýurt gyz ady; Gyzlaryň tahýasynyň gupbasyna berkidilýän per; Aýakgaplaryň iň gadymy we ýönekeý görnüşi; Resmi iş kagyzlaryň jemlenen bukjasy (rusça); Gelin-gyzlaryň ýowar şekilli ýygnanyşygy; Düşbi, duýgur, ýiti; Nota; 2; Işine ezber, ökde, işjeň; Gadymy nemes ýazuwy; Uly göwrümli tehnikalary saklamak üçin ýer; Egri çyzygyň iki nokadyny birleşdirýän göni çyzyk; «Balykçy müň tümenlik ... görse, balygyna ýorar» (nakyl); Gitdigiçe, bardygyça; Sözüň asyl kökünin gözlegindäki dilçi; Höküm, buýruk; Görkezme çalyşmasy; Ekilýän meýdan; Iýmit önümi; Ygtyýar, erkinlik; Ispaniýanyň futbol topary; Azalyň ýerdemir geýdirilýän bölegi; Döwlet nyşany; Heniz per, ýelek çykarmadyk jüýje; Türk futbolçysy ... Güler; Ene toprak, dogduk mekan; Deňiz balygynyň bir görnüşi; Syrgynly ýel, ygally sowuk howa; Gerek, zerur; Abraý, sarpa; Gysylyp, böleklere bölünen şeker; Polatdan ýasalan berk sim tanap; Hindi mifologiýasynda bir şa; Elektrik transformatorlaryny öndürýän kompaniýa; Daşary ýurt adam ady; Hytaýyň iri şäherleriniň biri; Demirden ýasalan uly çanak; Tämiz, hapa däl.



2

**Annageldi DERÝAGULYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*




## SÖZ GOÝMAK

**3 HARPLY:** Aly, tut, gaý, çig, şem, mah, jem, boý; **4 HARPLY:** Disk, tüwi, hasa, guzy, pide, aram, asan, ukyp, akyş; **5 HARPLY:** Talap, almyt, ogşuk, inter, triod, waksa, kakao, gurum, oklaw, abuna, hwoýa, yklym, Etrek, injir, badam, Atlant, namys, toşap, gamak, emgek, sakaw; **6 HARPLY:** Nesibe, begres, ananas, Gazaly, Astana, esasan, ýantar, etalon, dolama, dekabr, ikindi, hokkeý, ekolog, Arnold, dartma, itüzüm, teklip, çapady, arahis, eskimo, klawiş; **7 HARPLY:** Defakto, syrtlan, aklawçy, gwaýula, leýlisaç, rentgen, şepagat, toraňňy, kentawr, gulajyn, intizar, miçurin, padyman, gondola, Linkoln, eksport, soprano; **8 HARPLY:** Şypahana, krokodil, Kahetiýa, sarymsak, Katmandu, Eswatini, waltorna, hudaýaty, ~~Wengriýa;~~ **11 HARPLY:** Dezinfektor, alajagaplaň.

**Ogulşat BEKDURDYÝEWA,** *Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky 14-nji orta mekdebiň mugallymy.*

**15-nji skanwordyň jogaby:**



**21-nji krosswordyň jogaby:**



**22-nji krosswordyň jogaby:**



# BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 81 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN! 9 MAÝ

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Watanyň azatlygy ugrunda şirin janyny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşyň hatyrasyna söweşen gerçekleriň, urşuň yzynda galan eneleriň görkezen edermenligi ýüreklerde baky ýaşar. Size ýurdumyzy gülledip ösdürmekde, ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyryp, ony dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyklar we üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bu günki gün parahatçylygyň, asudalygyň, halkyň agzybirliginiň we dost-doganlygyň rowaçlanýan Watanyna öwrüldi. Siziň öňdengörüjilikli, hoşniýetli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyňyz dünýä jemgyýetçiliginde uly goldawa hem-de hormata eýe bolýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi türkmenistanlylaryň beýleki dost-doganlyk halklar bilen birlikde frontda hem-de tylda görkezen taýsyz edermenlikleri, gahrymançylyklary netijesinde gazanylan, taryhyň sahypalaryna öçmejek harplar bilen ýazylan Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Beýik Ýeňiş gününiň dabaraly baýram edilýän pursadynda Siziň parasatly baştutanlygyňyzda halkymyza ýurt abadançylygyny, bagtyýarlyk döwründe gülläp ösüş, il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Halkymyz Watanymyzyň merdana goragçylaryny, ýanýoldaşyny söweşe ugradyp, yzynda ýalňyz galan zenanlary hiç haçan unutmaz. Olaryň tylda görkezen gahrymançylygy we edermenligi Ýeňiş gazanmakda uly ähmiýete eýe boldy we häzir Garaşsyz Watanymyzyň gazanan üstünlikleriniň goragynda durýan ýaşlar üçin nusga hem-de terbiýe mekdebi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi we ähli halkymyzy Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek gutlaýarys!

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent derejede baýram edilýänligi mynasybetli arassa kalbymyzdan gyzgyn gutlaýarys! Bu uly taryhy ýeňişde türkmen gerçekleriniň görkezen deňsiz–taýsyz gahrymançylygyny bütin dünýä ykrar edýär.

Ýurdumyz öz gahrymanlarynyň at-abraýyny, mertebesini ýokary derejede saklaýar. Türkmenistanlylar wepat bolanlaryny hormat bilen ýatlaýar, olaryň hatyrasyna aýat-töwirler okaýar, sadakalar berýär.

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllyk dabarasy tutuş ýurdumyzy gurşap aldy. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Ýeňiş gününi giňden belleýär. Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Türkmenistanyň halky urşa gatnaşan gerçekleriň gahrymançylygyny ýatdan çykarmaýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watan üçin söweşen gahrymanlarymyz uly hormat-sarpa, hemmetaraplaýyn alada bilen gurşalýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 81 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**


ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

**«Zaman-Türkmenistan» – täzelikleriň çeşmesi**

**«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň II ýarymy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.**






**Tel.: (+99312) 28-14-05/36**

web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm